TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTAN BILEN ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ ARASYNDA ÄHLI UGURLAR BOÝUNÇA ÝOLA GOÝLAN HYZMATDAŞLYGYŇ YZYGIDERLI ÖSDÜRILMEGI BIZIŇ HALKLARYMYZYŇ ARASYNDAKY DOSTLUKLY GATNAŞYKLARYŇ BARHA ROWAÇLANMAGYNDA MÖHÜM ÄHMIÝETE EÝE BOLÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
22-nji noýabr, 2024. Belgisi 47/1613



# OBA MILLI MAKSATNAMASY: AZYK BOLÇULYGY — IL ABADANÇYLYGY

*18-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň welaýatlarynda we oba hojalyk toplumynda alnyp barylýan işlere, Oba milli maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi bilen baglanyşykly meselelere garaldy.*

Ilki bilen, Ahal welaýatynyň häkimi S.Soltanmyradowa söz berildi. Häkim möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu günler welaýatyň babadaýhanlary tarapyndan ýetişdirilen pagta hasylyny soňky hanasyna çenli ýitgisiz ýygnap almak boýunça işler guramaçylykly dowam edýär. Şunda oba hojalyk tehnikalarynyň netijeli işledilmegine aýratyn üns berilýär. Ýygnalan hasyl kabul ediş harmanhanalarynda, pagta arassalaýjy kärhanalarda bökdençsiz kabul edilýär. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmek baradaky tabşyryklaryny üstünlikli berjaý etmek maksady bilen, bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işleri agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilýär. Welaýatda geljek ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda sürüm işleri meýilnama esasynda alnyp barylýar. Sebitiň çägindäki edara-kärhanalaryň, bilim, saglygy goraýyş, sport we medeniýet maksatly binalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş ulgamlarynyň bökdençsiz işledilmegini üpjün etmek boýunça zerur çäreler görülýär. Şeýle hem häkim Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häkime ýetişdirilen pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak, ekiş geçirilen bugdaý meýdanlarynda ideg işlerini agrotehniki möhletlerde we talabalaýyk geçirmek üçin ähli zerur çäreleri görmegi tabşyrdy. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän dürli maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamak barada tabşyryklary berdi.

Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Nygtalyşy ýaly, welaýatda pagta hasylyny iň soňky hanasyna çenli ýygnap almak, ýygnalan hasyly kabul ediş harmanhanalarynda, pagta arassalaýjy kärhanada bökdençsiz kabul etmek boýunça degişli işler dowam edýär. Sebitde bugdaýyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek maksady bilen, ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş we ösüş suwuny tutmak, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylýar. Gowaça ekiljek meýdanlary ekiş möwsümine taýýarlamak işleriniň çäklerinde ýerlerde sürüm geçirilýär. Welaýatyň çägindäki bilim, medeniýet, dolandyryş, jemgyýetçilik desgalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek boýunça zerur çäreler görülýär. Şeýle hem häkim «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýokary hilli we agrotehniki möhletlerde ýerine ýetirilmegine möhüm ähmiýet berilmelidigini belledi we bu babatda häkime anyk tabşyryklary berdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan dürli maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň bellenen möhletlerde ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra iş maslahaty Daşoguz welaýatynyň häkimi D.Babaýewiň welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy baradaky hasabaty bilen dowam etdi.

Hasabatda bellenilişi ýaly, gowaça meýdanlaryndaky pagta hasylyny iň soňky hanasyna çenli ýitgisiz ýygnap almak boýunça zerur çäreler görülýär. Ýygym möwsüminde ulanylýan kombaýnlar we beýleki oba hojalyk tehnikalary doly güýjünde işledilýär. Ýygnalan hasyl pagta kabul ediş harmanhanalarynda bökdençsiz kabul edilýär. Bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işleri agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylýar. Geljek ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda sürüm işleri guramaçylykly dowam edýär. Welaýatda ýetişdirilen şaly hasylyny ýitgisiz ýygnap almak boýunça degişli işler geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryna laýyklykda, welaýatdaky medeni-durmuş maksatly binalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek boýunça zerur çäreler görülýär. Mundan başga-da, häkim ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýetişdirilen pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almagyň, ýygym möwsümine gatnaşýan ähli düzümleriň sazlaşykly işini üpjün etmegiň, bugdaý meýdanlaryndaky ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda berk berjaý edilmeginiň zerurdygyny belledi we bu babatda häkime anyk tabşyryklary berdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamalara laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan dürli maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Lebap welaýatynyň häkimi M.Annanepesow welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, welaýatda pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak, kabul ediş harmanhanalarynda bökdençsiz kabul etmek we talabalaýyk saklamak boýunça degişli işler geçirilýär. Bugdaý ekilen meýdanlarda ösüş suwuny tutmak, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri ýerine ýetirilýär. Şunda oba hojalyk tehnikalary netijeli işledilýär. Welaýatda geljek ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda sürüm işleri guramaçylykly alnyp barylýar. Sebitde ýetişdirilen şaly hasylyny ýygnap almak işleri tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Welaýatyň çägindäki edara-kärhanalarda, medeni-durmuş maksatly binalarda, ýaşaýyş jaýlarynda ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işledilmegini üpjün etmek boýunça görülýän çäreler barada-da habar berildi. Mundan başga-da, häkim Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, pagta hasylynyň ýitgisiz ýygnalyp alynmagyny, bugdaý meýdanlaryndaky ideg işleriniň talabalaýyk ýerine ýetirilmegini esasy wezipeleriň hatarynda belledi we bu babatda häkime anyk tabşyryklary berdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz häkime Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, welaýatda şu ýyl üçin meýilleşdirilen işleriň bellenen möhletlerde ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. ■ 2

## Bitaraplyk – buýsanjymyz

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halky her bir gününi dünýäniň hakydasynda yz goýýan taryhy wakalaryň şaýady bolup ýaşaýar. Möhüm senelerdir şanly wakalar dünýä jemgyýetçiliginiň nazaryny Diýarymyza gönükdirip, olaryň ýurdumyza bolan gyzyklanmalaryny barha artdyrýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan parasatly, täzeçil syýasatlary netijesinde eziz Watanymyz gysga döwrüň içinde batly depginler bilen ösýän ýurtlaryň sanawynda orun aldy. ■ 2



## Hoşniýetli goňşuçylyga esaslanýan hyzmatdaşlyk ösdürilýär

*20-nji noýabrda Lebap welaýatynyň edara ediş merkezi Türkmenabat şäherindäki «Türkmeniň ak öýi» binasynda Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň II sebitara forumynyň hem-de özbek harytlarynyň milli sergisiniň açylyş dabarasy boldy. Oňa ýurdumyzyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, welaýatlaryň häkimlikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleri, Özbegistanyň wekiliýetiniň agzalary gatnaşdylar.*

Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlary bilen hoşniýetli goňşuçylyga esaslanýan hyzmatdaşlygy ösdürmek hormatly Prezidentimiziň üstünlikli durmuşa geçirýän daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şunda Özbegistan Respublikasy bilen özara hormat goýmaga, ynanyşmaga, bähbitleriň umumylygyna daýanýan gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen bir hatarda, iki ýurduň sebitleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň yzygiderli ösdürilýändigini bellemek gerek. Şu gezekki forumyň we serginiň geçirilmegi hem munuň aýdyň mysalydyr.

Serginiň açylyş dabarasynda bellenilişi ýaly, bu forum Türkmenistanyň we Özbegistanyň sebitleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň dürli ugurlar boýunça üstünlikli ösdürilýändiginiň güwäsidir. Häzirki wagtda iki goňşy ýurt durmuş-ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryna, taraplaryň milli bähbitlerine laýyk gelýän hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrýar. Şeýle hem bilelikdäki giň gerimli taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigi aýdyldy.



Sergide Özbegistanyň iri döwlet düzümleriniň we hususy kompaniýalarynyň öndürýän önümleri görkezildi. Munuň özi özbek haryt öndürijileriniň türkmen hyzmatdaşlary bilen uzak möhletleýin gatnaşyklara gyzyklanma bildirýändiklerini tassyklaýar. Sergi meýdançasynda dag-magdan, metallurgiýa, nebitgaz senagatynda, maşyn gurluşygynda, elektrik energetikasynda, dokma we himiýa senagatynda, gurluşyk serişdeleri, durmuş tehnikasy, azyk önümleri, lukmançylyk serişdeleri, söwda ulgamlarynda iş alyp barýan kompaniýalar öz diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdy. Goňşy ýurduň haryt öndürijileriniň sergisi türkmen we özbek telekeçileriniň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge, özara söwda dolanyşygynyň möçberini artdyrmaga, kompaniýalar, maýadarlar bilen täze işewürlik gatnaşyklaryny ýola goýmaga mümkinçilik berer.

Günüň ikinji ýarymynda türkmen we özbek işewürleriniň arasynda duşuşyklar geçirildi. Duşuşyklarda bellenilişi ýaly, iki ýurduň işewür toparlarynyň arasynda işjeň gatnaşyklary ösdürmek, bilelikdäki kärhanalary döretmek, iň täze tehnologik işläp taýýarlamalary ulanmak we innowasion ykdysadyýeti kemala getirmek boýunça işjeň tejribe alyşmak hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. ■ 2

## Ýaşlar – Watanyň geljegi

Häzirki wagtda ýurdumyzda jemgyýetimiziň geljegi bolan ýaşlara ählitaraplaýyn goldaw berilýär. Ata-babalarymyzdan miras galan däp-dessurlarymyzyň esasynda mynasyp nesli terbiýeläp ýetişdirmek hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Ýaşlarda mukaddes Watana, onuň gaýtalanmajak tebigatyna söýgini, dostdoganlyk gatnaşyklaryna, maşgala gymmatlyklaryna, zähmete, sagdyn durmuş ýörelgelerine ygrarlylygy terbiýelemeklige aýratyn üns berilýär. ■ 3



## G20 ýurtlarynyň sammiti

18-19-njy noýabrda Rio-de-Žaneýroda G20 ýurtlarynyň liderleriniň sammiti geçirildi. Şu ýylky forumyň şygary «Adalatly dünýä we durnukly planetany gurmak» diýlip atlandyryldy. G20 sammiti 19 ýurduň we Ýewropa Bileleşiginiň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda geçirildi. ■ 4

## Tebigatyň iň äpet jandarlary



Ýer ýüzünde ululy-kiçili millionlarça jandar ýaşaýar. Tebigatda çekirtgeden kiçi guşjagaza, pilden uly balyga gabat gelmek bolýar. Eýsem, janly-jandarlaryň öz maşgalasynyň iň uly agzalary haýsylarka?! ■ 5

## Ussat aktýor 6 ýyldan soň «Hollywood»-a dolanýar



Ussat aktýor Jonni Depp galmagally geçen 6-7 ýyldan soň täzeden «Hollywood»-a dolanmagyň bosagasynda bolup, ol belli režissýor Mark Webbiň täze filminde surata düşer. ■ 6

## Ýaponiýanyň ýygyndysyna 1 ýeňiş ýeterlik



Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklarynyň çäginde Aziýa zolagynda 3-nji tapgyryň toparçalardaky 5-6-njy duşuşyklary geçirildi. ■ 7

## 230 günde 100 müň awtoulag

Hytaýyň «Xiaomi» kompaniýasy «Xiaomi SU7» kysymly awtoulagyndan 100 müňünjisiniň çykarylandygyny habar berdi.

– Şeýle önümçilik möçberine ýetmek üçin 230 gün gerek boldy – diýip, kompaniýanyň esaslandyryjysy we baş müdiri Leý Szýun aýtdy.

Mundan öň, Leý Szýun oktýabr aýynda 20 müň 726 sany «Xiaomi SU7» kysymly awtoulagyň satylandygyny habar beripdi. Netijede awtoulaglar «täze sedanlar», «28 müň dollardan ýokary bahaly sedanlar» we «uly elektrik sedanlar» ýaly üç ugur boýunça satuw görkezijisinde birinji orny eýeledi.




Bu awtoulaglara bolan ýokary isleg onuň önümçiligini artdyrmaga sebäp boldy. «Xiaomi» sargytlaryň barha artýandygy sebäpli öz zawodynyň önümçiligini giňeldip ugrady. Maglumatlara görä, zawodyň ikinji tapgyry sargytlary tiz ýerine ýetirmek maksady bilen ýokary depginlerde gurlup ulanmaga berler.

«Xiaomi» kompaniýasy şu aý 100 müň awtoulag ýerlemek boýunça ýyllyk maksatnamasyna wagtyndan öň ýetip biler diýlip, maglumatlarda bellenilýär.

**Batyr MYRATBERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.*

## Ilkinji aerotaksi menziliniň gurluşygyna başlandy

Dubaý Halkara howa menziliniň (BAE) golaýynda «Joby Aviation» aerotaksileri üçin niýetlenen dört wertiportuň ilkinjisiniň gurluşygyna başlandy. Taksiler bu ýerden müşderilere 2026-njy ýylyň başynda hyzmat edip başlar.

Dubaýyň mirasdüşer şazadasy Şeýh Hamdan bin Muhammet bin Raşid Al-Maktum özüniň X jemgyýetçilik torundaky akkauntynda Dubaý Halkara howa menziliniň golaýynda ilkinji howa taksileri üçin niýetlenen bekediniň gurluşygyna badalga berlendigini habar berdi.



– 3100 inedördül metrlik desga ýylda 170 müň ýolagça hyzmat edip biler – diýip, Şeýh Hamdan aýtdy. Hyzmatlar 2026-njy ýylyň birinji çärýeginde başlanar.

Başlangyç tapgyrda şäheriň merkezindäki Dubaý Halkara howa menzilinde dört sany wertiport gurlar. Bu ýer aerotaksilere uçmaga we gonmaga mümkinçilik berýän ýörite bölünip aýrylan meýdançadyr. «Joby Aviation» howa taksisi sagatda 320 kilometre çenli tizlik bilen dört ýolagçyny gatnadyp biler.

**Ogulbaýram GURBANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymy.*

## Emeli aň ynandyryjy öýkündi

Pensilwaniýa ştatynyň (ABŞ) Pittsburg uniwersitetiniň täze barlaglarynda adamlaryň köplenç emeli aňyň döreden poeziýasyny nusgawy şahyrlaryň ýazan eserlerinden tapawutlandyryp bilmejekdigi ýüze çykaryldy. Synaga gatnaşan 1 müň 634 okyjy 10 sany goşgy okadylar. Bu goşgularyň ýarysy emeli aň arkaly ýazylyp, galanlary bolsa, Lord Baýron we Emili Dikinson ýaly şahyrlaryň goşgularydy. Okyjylaryň köpüsi emeli aň arkaly ýazylan goşgulary adamyňkydyr öýtdüler, nusgawy şahyrlaryňkyny bolsa, maşyn tarapyndan döredilendir öýtdüler.



Beýleki synagda 696 okyjy hil, duýgy, ritm we özboluşlylyk babatda goşgulara baha berdiler. Emeli aň tarapyndan döredilen goşgular awtorlyk äşgär edilmänsoň has ýokary bal gazandy.

Geçirilen barlaglar emeli aň tarapyndan döredilen poeziýanyň has düşnükli kabul edilendigini, şeýle-de emeli aňyň adam döredijiligine näderejede ynandyryjy öýkünip biljekdigini görkezdi.

**Kerem SEÝITNUROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Itler üçin «taryhda ilkinji» kruiz

Günbatar Orlandonyň (ABŞ) «Cruise Tails» we «Expedia Cruises» kompaniýalary «taryhda ilkinji gezek» eýeleri bilen birlikde itleriň kruizini gurnajakdygyny habar berdi. «Margaritaville at Sea» laýneri 2025-nji ýylyň noýabr aýynda Florida ştatynyň Tampa şäherinden Karib deňzi boýunça ýola düşer. Syýahat 250 ite we olaryň eýelerine niýetlenendir.

Kruizde syýahat etmek üçin syýahatçylar we olaryň itleri ilki bilen tassyklama işinden geçmeli – zerur sanjymlary alyp, syýahat etmäge taýýardygyny görkezmeli bolar. Gämide adamlar we itler belli bir düzgünleri berjaý etmeli, şeýle-de gadagan edilen zolaklardan daşda durmaly bolarlar. Gämide itleriň eýelerine ýörite gullukçy bellenip, ol syýahatçylaryň kaýutalarynyň we gäminiň «guratlygyna» gözegçilik eder. Syýahat wagtynda it sergileri we itler üçin niýetlenen iň oňat geýim bäsleşikleri guralar. Gämide itlere timar bermek, güjükler üçin massaž ýaly hyzmatlar hem hödürlener. Guramaçylar bu syýahaty «itler üçin ilkinji kruiz» hökmünde baha berseler-de, itler we pişikler bilen syýahat etmäge niýetlenen başga-de gämiler bar.



**Jahan HAÝTEKOWA,**
*Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň mugallymy.*

# OBA MILLI MAKSATNAMASY: AZYK BOLÇULYGY — IL ABADANÇYLYGY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Mary welaýatynyň häkimi B.Orazow welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýetişdirilen pagta hasylyny soňky hanasyna çenli ýitgisiz ýygnap almak, kabul ediş harmanhanalarynda we pagta arassalaýjy kärhanalarda bökdençsiz kabul etmek, ýygym möwsüminde ulanylýan kombaýnlary, awtoulaglary, beýleki tehnikalary netijeli işletmek boýunça zerur çäreler görülýär. Welaýatda geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekilen meýdanlarda gögeriş we ösüş suwuny tutmak, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri ýerine ýetirilýär. Geljek ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlary ekiş möwsümine taýýarlamak üçin sürüm, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak işleri geçirilýär. Gant şugundyrynyň hasylyny ýitgisiz ýygnap almak, döwlet harmanyna tabşyrmak, bökdençsiz kabul etmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Welaýatyň çägindäki bilim, medeniýet, dolandyryş, jemgyýetçilik binalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek boýunça zerur çäreler görülýär. Şeýle hem häkim «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, daýhan yhlasy bilen ýetişdirilen pagta hasylyny soňky hanasyna çenli ýygnap almagyň, bugdaý meýdanlaryndaky ideg işleriniň talabalaýyk ýerine ýetirilmeginiň möhümdigini belledi we bu babatda häkime anyk tabşyryklary berdi. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalara laýyklykda, welaýatda şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň çäklerinde welaýatlarda ýetişdirilen pagta hasylyny soňky hanasyna çenli ýitgisiz ýygnap almak, hasyly kabul ediş harmanhanalarynda we pagta arassalaýjy kärhanalarda bökdençsiz kabul etmek, gaýtadan işlemek boýunça zerur çäreler görülýär. Bugdaý ekilen meýdanlarda ösüş suwuny tutmak we mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri alnyp barylýar. Geljek ýylyň pagta hasylynyň düýbüni tutmak maksady bilen, sürüm işleri dowam edýär. Bu ugurda oba hojalyk tehnikalary netijeli işledilýär. Daşoguz, Lebap welaýatlarynda şaly hasylyny, Mary welaýatynda bolsa gant şugundyrynyň hasylyny ýygnamak işleri dowam edýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda oba hojalyk pudagynyň öňünde durýan möhüm wezipelere ünsi çekdi we wise-premýere möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýokary hilli, agrotehniki möhletlerde geçirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

## Täze sözlük çapdan çykdy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli bilim ulgamy döwrebap ösýär, kämilleşýär. Bu ugurdaky Döwlet maksatnamalarydyr konsepsiýalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen ýaş nesle berilýän bilim-terbiýäniň netijeliligi ýokarlanýar, kämil şahsyýetleriň kemala gelmegine täze şertler emele gelýär.

Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyna, Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyna, Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyna laýyklykda durmuşa geçirilýän işler has-da guwandyrýar.




Häzirki wagtda ýaşlara daşary ýurt dillerini öwretmek esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy hem şol maksada gönükdirilendir. Agzalan Konsepsiýa laýyklykda, daşary ýurt dillerini okatmagyň öňdebaryjy usullary ornaşdyrylýar. Bu ugurdaky tagallalar ýaş nesle bilim-terbiýe bermegiň, ene dilimiz bilen bir hatarda, daşary ýurt dillerini üznüksiz okatmagyň bitewi ulgamyny emele getirmekde, ony hil taýdan dünýä derejesine çykarmakda möhüm bolup durýar.

Şunuň bilen baglylykda, dil öwredilýän dersleriň okuw kitaplarydyr gollanmalar, sözlükler bilen üpjünçiligi mydama üns merkezinde saklanylýar. Ýakynda şeýle okuw gollanmalarynyň biri – Türkçe-türkmençe sözlük (J.Gökleňow, A.Erjilasun – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy) çapdan çykdy. Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan talyplar üçin okuw gollanmasy hökmünde hödürlenen bu sözlüge häzirki zaman türk edebi dilinde işjeň ulanylýan 20 müňe ýakyn söz, söz düzümleri girizilipdir.

Häzirki wagtda türkmen dili Türkiýäniň uniwersitetlerinde we umumybilim berýän mekdeplerinde, türk dili hem ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde we beýleki bilim ojaklarynda hünär ýa-da ders hökmünde okadylýar. Şonuň ýaly-da, türkmen we türk dilleriniň we edebiýatynyň meseleleri, olary okatmagyň usullary, terjimeçilik boýunça ylmy, ylmy-amaly işler alnyp barylýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen we türk dilleriniň deňeşdirme derňewi dil biliminde täze bir ugur hökmünde kemala geldi. Bu ýagdaý düşündirişli sözlükler bilen birlikde, dil öwrenýänler üçin iki dilli, köp dilli sözlüklere zerurlyk döredýär. Şu jähetden, Türkçe-türkmençe sözlügiň neşir edilmegi diňe bir talyplar üçin däl, eýsem, türkmen-türk dil gatnaşyklary bilen gyzyklanýanlar, türkmen we türk dillerini gysga möhletli okuwlarda ýa-da özbaşdak öwrenýänler, işewürler, syýahatçylar, terjimeçiler üçin hem örän uly ähmiýetlidir.

**Rustam BAÝRAMGELDIÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

## Bitaraplyk – buýsanjymyz

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2017-nji ýylda geçirilen 71-nji mejlisinde 12-nji dekabryň Halkara Bitaraplyk güni diýlip yglan edilmegi baradaky Kararnamasynyň biragyzdan kabul edilmegi Türkmenistanyň parahatçylyk döredijilikli kuwwatynyň uly ähmiýete eýediginiň aýdyň subutnamasydyr.

Mälim bolşy ýaly, şu ýyl geçirilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi.

Ýurdumyz dünýäde ylalaşyklaryň hem-de hyzmatdaşlygyň köpugurly ýörelgesini işläp taýýarlamaga, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge saldamly goşant goşýandygyna buýsanmaga haklydyr. Türkmenistan ösüş babatda saýlap alan ýoly bilen, BMG-niň beren derejesini toplumlaýyn özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak üçin ulanýar hem-de halklaryň ýakynlaşmagyna we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna ýardam edýän milli, sebit we halkara ähmiýetli iri düzümleýin taslamalary amala aşyryp gelýär.

Eziz Watanymyzyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan resmi taýdan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet bolandygyny nazara alsaň, bu waka dünýä diplomatiýasy üçin möhüm wakalaryň birine öwrüldi.



Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllaryndan Türkmenistan özüni parahatçylyk dörediji döwlet hem-de Milletler Bileleşiginiň strategik hyzmatdaşy hökmünde ykrar etdirip, bu belent ady anyk ädimleri bilen berkitdi.

**Nurgeldi IŞANOW,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdebiniň mugallymy.*

## Hoşniýetli goňşuçylyga esaslanýan hyzmatdaşlyk ösdürilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şunda häzirki wagtda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeleriň, Türkmenistanyň hem-de Özbegistanyň baý tebigy gorlarynyň, bar bolan ägirt uly ykdysady, eksport kuwwatynyň dürli ulgamlarda netijeli gatnaşyklary ösdürmek üçin uly mümkinçilikleri açýandygy bellenildi.



Soňra forumyň işi «tegelek stol» maslahatlary bilen dowam etdi. «Söwda ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek: amatly şertleri döretmek we telekeçiligi goldamak» atly maslahatda nygtalyşy ýaly, Özbegistan Türkmenistanyň möhüm ykdysady hyzmatdaşlarynyň biridir. Söwda ulgamy bilen bir hatarda, oba hojalyk pudagy, energetika, himiýa we nebithimiýa senagaty, maşyngurluşyk, dokma, derman senagaty pudaklary işjeň hyzmatdaşlyk üçin uly kuwwata eýe bolan ugurlaryň hatarynda görkezildi.

«Medeni-ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlyk: medeniýet we ynsanperwerlik ugrunda tejribe alyşmak, ylym we bilim ugrunda hyzmatdaşlyk, syýahatçylyk pudagyny ösdürmekdäki mümkinçilikler» atly maslahatda bu ulgamlarda özara hyzmatdaşlygyň dürli meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Medeni we ruhy gymmatlyklarynyň umumylygy bilen baglanyşan türkmen hem özbek halklarynyň ynsanperwer ulgamdaky özara gatnaşyklary soňky ýyllarda täze ösüşe eýe bolan döwletara hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biridir. Bu ulgamda hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesi toplanyp, ikitaraplaýyn gatnaşyklar yzygiderli pugtalandyrylýar.

Şol gün Lebap welaýatynyň Seýitnazar Seýdi adyndaky döwlet sazly drama teatrynda Türkmenistanyň we Özbegistanyň sungat ussatlarynyň bilelikdäki konserti hem guraldy.

## Himiýa dersi boýunça III Halkara olimpiadasy

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde iri halkara çäre – himiýa boýunça III Halkara olimpiadasy geçiriler. Ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda himiýa boýunça III Halkara olimpiada 25–30-njy noýabr aralygynda göni gatnaşmak arkaly geçiriler.

Diýarymyzyň baýry ýokary okuw mekdebinde himiýa dersi boýunça Halkara olimpiadasynyň eýýäm üçünji gezek geçirilmegi tebigy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwretmek we bu ugurda halkara tejribesini ösdürmek babatda uly işleriň ýerine ýetirilýändigini äşgär edýär. Bu olimpiada, öz gezeginde, ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň himiýa dersini özleşdirmek boýunça derejesini bahalandyrmakda, ýaşlaryň himiýa ylmyny öwrenmäge bolan höwesini artdyrmakda hem aýratyn orna eýedir. Halkara ülňülerine laýyklykda, himiýa dersi boýunça Halkara olimpiadasynda ýurdumyzyň ylym-bilim edaralarynyň wekilleri bilen birlikde daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň wekilleri eminlik ederler.



Himiýa tebigy ylymlara degişlidir we ol tebigatda bolýan dürli hadysalary, olaryň syrlaryny açyp görkezmäge adamzada ýakyndan kömek berýär. Himiýa ylym hökmünde birden ýüze çykmady. Ol asyrlar boýy tejribeleriň, ylmy çaklamalaryň we kanunalaýyklyklaryň esasynda dura-bara emele geldi. Himiýa maddalar baradaky ylym bolmak bilen, onuň öňünde maddalaryň düzümini we gurluşyny dürli usullar bilen düýpli öwrenmek, himiki täsirleşmelerde maddalar bilen bolup geçýän hadysalaryň sebäplerini düşündirmek meselesi durýar.

**Laçyn ARTYKOWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## Dünýäniň iň gowy peýniri belli boldy

Iň gowy peýnir üçin berilýän «World Cheese Awards» baýragynyň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy Portugaliýanyň Wizeu şäherinde geçirildi. Bu ýyl bäsleşige 47 ýurtdan 4 müň 786 peýnir hödürlendi. «Euronews.com»-yň habaryna görä, iň gowy peýnir 40 ýurtdan 240 emin agzasy tarapyndan dört ölçegde: daşky görnüşi, gurluşy, ysy we tagamy boýunça kesgitlendi.

Goýun süýdünden taýýarlanan «Queijo de Ovelha Amanteigado» portugal peýniri dünýäniň iň gowy peýniri diýlip ykrar edildi. Ol ýumşak, kremli we ýagly tagamy bilen tapawutlanýar. Bu peýnir Serra da Gardunýadaky «Quinto do Pomar» kompaniýasy tarapyndan öndürilýär. Bu peýnir ikinji we üçünji orny eýelän iki şweýsar peýniri – «Tea Fondada» we «Alpenhorn Mifroma»-dan öňe geçip, «World Cheese Awards» dabarasynda sanawyň başyny çekdi. Finalda Braziliýadan, ABŞ-dan, Norwegiýadan, Italiýadan, Germaniýadan we Ispaniýadan jemi 14 peýnir öňe saýlandy. Portugaliýa 2021-nji we 2023-nji ýyllarda hem bäsleşigiň ýeňijisi bolupdy.

**Kerim HOJAMÄMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## GAZ ENJAMLARYNDA ÝANGYN HOWPSUZLYK ÇÄRELERI

Gaz enjamlarynda döreýän ýangynlaryň sebäplerini seljerenimizde olar gaz enjamlarynyň gurnalyş, ulanyş we ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň bozulmagy, olara sowuk-sala garalmagy zerarly ýüze çykýandygy belli bolýar.

Gaz enjamlary gurnalanda olar ýörite şol ugurdan işleýän hünärmenler tarapyndan gurnalyp, ähli tarapdan saz işleýändigi barlanylmaly. Gaz enjamlary üçin niýetlenen otaglarda, ýagny aşhanalarda gaz enjamlarynyň ýerini üýtgetmek, öýüň içini ýylatmak maksady bilen gaz enjamlaryny (plitalary) we şol enjamlaryň howur pejini işletmek, şol enjamlar gurnalan otaglarda ýatmak, dynç almak, gaz enjamlary bilen bagly ýumuşlary kiçi ýaşly çagalara buýurmak, gaz enjamlaryny gözegçiliksiz galdyrmak howpludyr. Gaz enjamlarynyň ýanan gazynyň howrundan zäherlenmez ýaly, gaz enjamlarynyň üstünden howur çekiji saýawan oturdylyp, gaz enjamynyň işläp duran wagty, penjiräň bir gözi açyk dursa talabalaýyk bolar. Gaz enjamlaryna barýan gaz polat turba arkaly geçirilmelidir. Diňe gaz enjamy bilen polat turbaly gaz geçirijiniň arasynda bir metrden köp bolmadyk rezinmataly gaz geçirijini ulansaň bolar. Şol rezinmataly gaz geçiriji bilen peýdalanylanda onuň birikýän ýerini ýörite bileksejik arkaly berk gysyp, olaryň eplenmeginden ýa-da agyr goşlaryň aşagynda galmagyndan we başga-da her-hili zeper ýetmelerden goralmalydyr. Gaz enjamlaryny işletmezden öňürti otluçöpi ýakyp, soňra gazyň ýanjak ojagyna eltip, diňe şondan soň gerek nurbaty açmaly. Muny tersine ýerine ýetirmegiň ýangyn howply hadysalara eltip biljekdigini unutmaly däl. Gaz enjamlary işledilende hökmany ýagdaýda gözegçilikde saklap, olaryň




üstünde gaýnap duran suwuklyklaryň çogmagyna ýol bermeli däl, suwuklyklaryň çogup ody söndürip, gazdan zäherlenme ýaly ýagdaýlara eltip, partlama, ýangyn howpuny döredip bilýändigini unutmaly däl.

Gazyň ysy otagda duýlanda gaz enjamlaryny ulanmagy bes etmeli, gaz geçirijiniň nurbatyny ýapmaly, penjireleri açyp, otagyň içini şemallatmaly. Şolar ýaly ýagdaýda açyk otdan peýdalanmak, ýanyp duran elektrik çyrany, enjamlary öçürmek ýa-da ony ýakmak gadagan edilýär. Şonda-da gazyň ysy gelip dursa, onda haýal etmän gazlaşmadyk ýerden Gaz howpsuzlyk gullugyna telefon arkaly 04, öýjükli telefonyndan bolsa 004 belgä habar bermeli. Şeýle-de, öýlerden, iş ýerleriňizden çykaňyzda elektrik we gaz enjamlaryny öçürmegi ýatdan çykarmaly däl.

Hormatly ildeşler! Janymyza, saglygymyza, öý-ojaklarymyza, iş ýerlerimize, döwletiň, jemgyýetiň maddy ýagdaýyna zyýan ýetirip biljek gözegçiliksiz otdan seresap boluň! Ýangyn dörände ýa-da ýangynyň alamatlaryny gören halatyňyzda howsala düşmän, haýal etmän telefon arkaly 01, öýjükli telefonyndan bolsa 001 telefon belgisine jaň edip, Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugyna habar beriň!

Ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek ählimiziň kanuny borjumyzdyr. Ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek umumy howpsuzlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen anyk çäreleri ýerine ýetirmekdir. Biziň hemmämiz berkarar döwletimiziň gözelliklerini, arhitektura binagärligini aýawly saklap, nesillerimize miras galdyrylmagyna jogapkärdiris.

**Geldimämmet REJEPOW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 100-nji Harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlygy bölüminiň müdiriniň işgärler boýunça orunbasary, içerki gullugyň maýory.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 22-si, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115218
Belgisi: 47/1613
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# ÝAŞLAR – WATANYŇ GELJEGI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Halkymyzyň uzak asyrlaryň dowamynda toplan baý durmuş tejribesine, häzirki zaman medeniýetiniň gazananlaryna daýanylyp, türkmen ýaşlarynyň bilim, ylym, medeni we ruhy-ahlak taýdan sazlaşykly ösmegine giň mümkinçilikler döredilýär.

«Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi möhüm ädimleriň biridir. Bu kadalaşdyryjy hukuk nama Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň hukuk esaslaryny, maksatlaryny, wezipelerini, ýörelgelerini, esasy ugurlaryny, tärlerini kesgitleýär. Kanun ýaşlaryň hukuk we durmuş taýdan goraglylygyny, ýaşlaryň döwlet syýasatyny we jemgyýetiň ösüş maksatnamalaryny döretmäge we amala aşyrmaga gatnaşmagyny üpjün edýär.

Häzirki döwürde türkmen ýaşlarynyň döredijilik ukyplaryny ýüze çykarmakda uly işler alnyp barylýar. Her ýyl Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň döredilen güni mynasybetli medeniýetde, döredijilikde, sportda, ylymda we bilimde, umuman, ähli ulgamlarda döredijilikli zähmet çekýän öňdebaryjy ýaşlaryň onlarçasyna Türkmenistanyň Ýaşlar baýragy gowşurylýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda-da ýurdumyzyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, ýokary okuw mekdepleri, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, welaýatlaryň häkimlikleri tarapyndan ýaşlaryň 506-sy Türkmenistanyň Ýaşlar baýragyna hödürlenildi. Olardan 135-si bu arzyly baýragyň eýesi diýlip yglan edildi.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ýaşlar syýasaty hem hut ýaş türkmenistanlylaryň şahsyýet taýdan kemala gelmegine, ösmegine, ukyp-başarnyklarynyň ýokarlanmagyna, jemgyýetiň hem-de döwletiň bähbitlerine, ýaşlaryň aň-paýhas, döredijilik, ruhy mümkinçiliklerini has doly amala aşyryp bilmekleri üçin mümkinçilikleri giňeltmäge has oňaýly şertleri döretmäge gönükdirilendir. Şeýle hem ýaşlaryň döwrebap derejede ýetişdirilmegi üçin Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy hereket edýär. Ýaşlar guramasy 1991-nji ýylyň 16-njy noýabrynda döredilip, şondan bäri



beden we ruhy-ahlak taýdan sagdyn, zähmetsöýer, ukyply, Watana wepaly nesilleri terbiýelemekde netijeli işleri alyp barýar. Gurama köp ýyldan gowrak wagt bäri agzalaryny bir ýere jemläp, olaryň güýjüni hem-de ukyplaryny, bilimini, dünýägaraýşyny Garaşsyz Watanymyzy ösdürmäge gönükdirmek boýunça wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirýär. Ýaşlar guramasynyň döredilen gününden bäri Watanymyzyň döwlet Garaşsyzlygynyň ösüşini pugtalandyrmaga mynasyp goşant goşan, zähmetde we döredijilikde uly üstünlikleri gazanan ýaşlary «Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi» diýen at bilen sylaglamak asylly däbe öwrüldi.

«Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ilkinji gezek 2013-nji ýylyň 29-njy awgustynda kabul edildi, oňa üýtgetmeler we goşmaçalar bolsa 2017-nji ýylyň martynda girizildi. Geçen ýylyň ýanwarynda «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» kabul edildi. Şonuň çäklerinde türkmenistanlylaryň ösüp gelýän ýaş neslini kemala getirmek we ösdürmek, jemgyýetiň hem-de döwletiň bähbidine olaryň aň-düşünje, ruhy, döredijilik kuwwatyny has doly amala aşyrmaga mümkinçilikleri giňeltmek üçin oňaýly şertleri üpjün etmek boýunça anyk çäreler görülýär.



«Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşi düzüm we mazmun taýdan kämilleşdirildi hem-de baýlaşdyryldy. Hormatly Prezidentimiz: «Häzirki döwürde ýurdumyzyň ilatynyň esasy bölegi Garaşsyzlyk ýyllarynda kemala gelen ýaş nesillerdir. Bu nesil eziz Watanymyzyň geljegini gurujylardyr» diýip, ýaşlara uly ynam bildirýär we olaryň döwrebap ylym-bilim almagyna, hünär eýesi bolmagyna, işlemegine ähli mümkinçilikleri döredýär. Hormatly Prezidentimiziň sargytlaryny ýüregine siňdirip, ýaşlara diňe okamak, öwrenmek, döretmek, halk üçin, Watan üçin işlemek galýar.

**Ýazgeldi ATAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# TÜRKMENISTAN – SPORTUŇ WE ÜSTÜNLIKLERIŇ ÝURDY

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen türgenleri sportuň dürli görnüşleri boýunça uly üstünliklere eýe bolup, ýurdumyzda sport bilen meşgullanýan ýaşlaryň sany barha artýar. Hormatly Prezidentimiziň: «Biz sportuň mümkinçiliklerini parahatçylygyň we dostlugyň bähbitlerine gönükdirmek arkaly täze sport düzümlerini dörederis. Hakyky sport söýüjileriň, ussat türgenleriň döwrebap neslini kemala getireris. Çünki ýaş nesillerimiziň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy döwrüň möhüm talabydyr» diýen parasatly sözleri türgenlerimizi uly sport ýeňişlerine ruhlandyrýar.*

Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlary esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň senenamasynda her ýylyň 3-nji iýunynyň Bütindünýä welosiped güni hökmünde bellenilmegi, «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek», «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamalaryň biragyzdan kabul edilmegi ählumumy ösüşiň, dostlugyň we halklary jebisleşdirmegiň hatyrasyna gönükdirilen başlangyçlaryň dünýäde dabaralanýandygyny alamatlandyrýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda sport äleminde uly öňegidişlikler gazanylýar. Ýurdumyz sport babatynda halkara ulgamlary bilen işjeň hyzmatdaşlyk alyp barýar. Ýaňyýakynda ýurdumyzda «Ashgabat Open 2024» atly 14 ýaşdan uly bolmadyk çagalaryň arasynda geçirilen tennis ýaryşy hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

Sebit hem halkara ýaryşlary geçirmekde baý tejribe toplan ýurdumyzda tennis boýunça halkara ähmiýetli ýaryş hem üstünlikli geçirildi. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň şanly wakalarynyň üstüni ýetiren bu sport baýramçylygy 12 döwletden 70 türgeni bir ýere jemledi. Bu halkara ýaryş ýurdumyzyň iri sport çärelerini geçirmäge bolan ýokary taýýarlygyny ýene bir ýola aýdyň görkezdi.

Mälim bolşy ýaly, ýaryşa gatnaşmak üçin Halkara we Aziýanyň Tennis federasiýalarynyň, 12 döwletiň milli



federasiýalarynyň wekilleri paýtagtymyza geldiler. Olaryň ählisi hem oýunlary geçirmek üçin saýlanyp alnan Tennis toplumyna, onuň guramaçylyk işlerine ýokary baha berdiler. Şeýle hem myhmanlar bu ýaryşyň geljekde-de dowam etdirilmeginiň tennisiň ýaş ýyldyzlaryny ýüze çykarmakda, Aşgabady dünýä giňişliginde giňden tanatmakda uly ähmiýete eýe boljakdygyny aýtdylar. «Ashgabat Open 2024-iň» türkmen tennisçileri üçin bahasyna ýetip bolmajak tejribe mekdebine öwrülendigini aýratyn nygtamak gerek. Ýaryşa ýurdumyzdan ýetginjek tennisçileriň 40-dan gowragy gatnaşdy.

Bu ýaryşda türkmen talyp ýaşlary, esasan hem, biziň baýry ýokary okuw mekdebimiz bolan Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutymyzyň bagtyýar talyp ýaşlary meýletinçi hökmünde öz mynasyp goşandyny goşdular. Şeýle hem teleradio gepleşiklerinde hem yzygiderli çykyş edip, ýürek buýsanjyny beýan etdiler.

Türkmenistanda sporta we sagdyn durmuş ýörelgelerine uly üns berilýär. Döwrebap sport desgalarynda sportuň dürli görnüşleri boýunça türgenleşikler geçirilýär. Munuň özi türkmen tennisçileriniň iňňän uly mümkinçiliklere eýedigini görkezýär. Bu olaryň halkara ýaryşlarda has üstünlikli çykyş etmegine ýardam berýän esasy şertleriň biridir.

Tennis ýaryşynda ussatlyk görkezip, baýrakly orunlara mynasyp bolan türgenleri gazanan üstünlikleri bilen tüýs ýürekden gutlaýarys. Bu ýaryş ýurdumyzda tennisiň uly geljeginiň bardygyny bütin dünýä buşlady diýip uly ynam bilen aýdyp bileris. Çünki ýaş türkmen tennisçileriniň birnäçesi eýýäm halkara giňişlikde öz ukyp-başarnyklaryny ykrar etdirmegi başardylar. «Ashgabat Open 2024» ýetginjekleriň arasynda geçirilýän halkara ýaryşlaryň iň gowularynyň hataryndan orun alar. Şeýle hem geljekde uly ýaş derejelerinde-de yklym we dünýä çempionatlaryny geçirmäge ýol açar.

Ata Watanymyzda şeýle şanly wakalaryň dowam etmegi döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň uly üstünliklere beslenýändigini görkezýär. Biz mugallymlara işlemäge, döretmäge, sport bilen meşgullanmaga şeýle mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir.

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# MIZEMEZDIR TÜRKMEN-ÖZBEK DOSTLUGY

*Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýan ata Watanymyzda serhetleşýän goňşy döwletlerimiziň biri bolan Özbegistan Respublikasy bilen dost-doganlyk gatnaşyklary ýokary depginde ösdürilýär. Türkmen-özbek hyzmatdaşlygynyň giň gerimde ösdürilmeginde iki doganlyk hem-de goňşy ýurduň döwlet Baştutanlarynyň arasynda emele gelen ikitaraplaýyn tagallalara we şahsy ynanyşmak gatnaşyklaryna aýratyn orun degişlidir.*

Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1993-nji ýylyň 7-nji fewralynda ýola goýuldy. Şol ýyldan bäri hem Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasy syýasy, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Iki döwletiň arasynda geçirilýän yzygiderli duşuşyklar, ýokary derejedäki gepleşikler, maslahatlar oňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, iki doganlyk halkyň taryhy gatnaşyklaryna hem-de ruhy-medeni gymmatlyklarynyň umumylygyna daýanýan türkmen-özbek hyzmatdaşlygy hemişe dostlukly, hoşniýetli goňşuçylyk häsiýete eýedir. Häzirki wagtda asyrlaryň dowamynda ýola goýlan bu hoşniýetli däpler mynasyp dowam etdirilip, mazmun taýdan baýlaşdyrylýar.

Türkmenistan Özbegistany iň ýakyn goňşy, serhetdeş döwlet, strategik hyzmatdaş hem ygtybarly dost hasaplaýar. Türkmen we özbek halklaryny diňe bir geografik taýdan ýakynlyk däl, eýsem, taryhy umumylyklar, köpasyrlyk ruhy-medeni däplerdir hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary baglanyşdyrýar. Gadymdan gelýän şol gadyrly gatnaşyklaryň döwletleriň arasyndaky strategik hyzmatdaşlyk derejesinde ösdürilmegi bu günki gün ygtybarly binýady emele getirmek bilen, uzak geljek üçin bilelikdäki anyk hereketleri kesgitlemekde daýanç nokady bolup hyzmat edýär.

18-20-nji noýabr aralygynda Türkmenistanda Özbegistan Respublikasynyň Medeniýet günleri geçirildi. Şeýle-de, 20-21-nji noýabrda



Türkmenabat şäherinde Ikinji türkmen-özbek sebitara forumy hem-de özbek harytlarynyň milli sergisi guraldy. Iki ýurduň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklar yzygiderli ösdürilýär. Energetika, oba hojalygy we beýlei ugurlarda netijeli gatnaşyklar ýola goýuldy. Oba hojalygy babatda hyzmatdaşlygy we Türkmenistanyň hem-de Özbegistan Respublikasynyň agrosenagat toplumlarynyň ugry boýunça gatnaşyklary yzygiderli ösdürmäge, şol sanda iki ýurduň bazarlaryna oba hojalyk hem-de azyk önümleriniň iberilýän möçberlerini artdyrmak we giňeltmek maksady bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Şeýle hem iki döwletiň arasynda senagat kooperasiýasyny ösdürmäge uly üns berilýär we bilelikdäki özara bähbitli taslamalary durmuşa geçirmek arkaly uzak möhletli özara peýdaly gatnaşyklary giňeltmek maksat edinilýär.

Türkmenistanyň hem-de Özbegistanyň üstaşyr mümkinçiliklerini amala aşyrmakda esasy ähmiýeti bolan ulaglar babatdaky netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Iki ýurduň çäklerinden geçýän halkara ulag ýollarynyň bäsleşige ukyplylygyny we özüne çekijiligini ýokarlandyrmak maksady bilen amatly mümkinçilikler döredilýär.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy ýurdumyzda, şeýle hem Özbegistanda halkara derejesinde giňden baýram edilýär. Özbegistanyň Prezidentiniň degişli Kararyna laýyklykda, Magtymgulynyň şanly ýubileýiniň Özbegistanda-da baýram edilýändigini nazara alanyňda, türkmen-özbek dostlugynyň mizemezdigine aýdyň göz ýetirmek bolýar. Şonuň çäklerinde özbek hem-de türkmen kinematograflarynyň hyzmatdaşlygynda Magtymguly Pyragynyň ömri we döredijiligine bagyşlanan çeper film surata düşürildi. Bu filmiň ilkinji gezek biziň döwletimizde - paýtagtymyz Aşgabatda geçirilen «Gorkut ata» halkara kinofestiwalynyň çäginde görkezilmegi, şeýle hem bu çeper filmiň festiwalyň baş baýragyna mynasyp bolmagy türkmen-özbek medeni gatnaşyklarynyň özboluşlylygynyň, mäkämliginiň hem-de berkdiginiň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.

**Begenç WAHYDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# NAKYLLARA ÖWRÜLEN ŞYGYRLAR

*Nusgawy edebiýatymyzyň meşhur wekilleriniň içinde XVIII asyrda ýaşap geçen türkmen pelsepeçisi, akyldary Magtymguly Pyragy özüniň şygyrlary bilen halkyň arasynda uly şöhrat we meşhurlyk gazanan şahyrlaryň biridir. Beýik akyldar diňe kitaplara däl, eýsem, köňüllere dolan şahyrdyr. Magtymgulynyň sözleri her bir adam üçin gymmatly, çünki onuň setirlerinde milli ýörelgelerimiz, ruhubelentlik ýoly wasp edilýär. Sebäbi şahyryň her bir sözi ýüreklerde orun alýar.*

Ady äleme dolan beýik söz ussadymyzyň döredijiliginde, onuň gyzyldan gymmatly baý edebi mirasynda terbiýeçilik meselesi, ýagny öwüt-ündewleriň şöhlelendiriliş ýagdaýyny yzarlamak, olary ylmy derňewe çekmek, jemgyýetçilige ýetirmek meselesi uly ähmiýete eýedir.

Mälim bolşy ýaly, dana şahyryň döredijilik örüsi örän giň bolupdyr. Onuň umman paýhasynyň baý edebi mirasynyň agramly bölegini ynsanperwerlik, durmuşy meseleler, ahlaky we terbiýeçilik öwüt-ündewler tutýar. Beýik akyldar halka öwüt-nesihat bermegi özüniň mukaddes borjy hasaplapdyr. Şahyryň parasatly hem dana sözleri nakyllara, atalar sözüne öwrülip, il arasynda henize – bu güne çenli dilden düşmän gelýär.

Akyldar şahyryň «Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eýlär», «Adam ogly bäş gün duza myhmandyr», «Ömür saly artar alkyş alanyň», «Ok urar bolsaň, ok ur nebsiň gözüne», «Kemlik eýle, kemal bar / Menlik etme, zowal bar» ýaly pähimleri bu günki gün hem halkyň kalbynda ýaşaýar. Şahyryň şygyrlarynyň çeper we täsirli bolmagy türkmen diliniň içki baýlyklaryny, onuň sözlük goruny ussatlyk bilen ýerlikli ulanmagyndadyr.



Magtymguly Pyragy özüniň dünýewi garaýyşlarynda turuwbaşdan halka, il-güne golaý durupdyr. Şahyr özüniň goşgularynda ilki bilen halk bähbitlerinden ugur alypdyr, halkyň aladasy bilen ýaşapdyr. Akyldar şahyr durmuşyň manysynyň iliň-günüň derdine ýaramakdygyny ündeýär, ýagşy işlere ýaran bolmagy nygtaýar.

Bugdaý ýaly sünnäli setirleri bilen ýürekleriň töründen orun alan Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň berkarar döwletli bolmagyny tüýs ýüreginden arzuwlap:

*– Gurdugym, aslynda, bilgil, bu zeminiň myhydyr,*
*Erer ol erkan mydam, budur ki türkmen binasy.*

diýen setirleri döredipdir.

Hyýalynda Zeminiň myhy ýaly sarsmaz türkmen binasyny guran akyldar şahyrymyz il-halkyň derdi bilen ýaşaýan şahsyýet bolansoň, berkarar döwletli bolmak arzuwy onuň hemişelik hemrasy bolupdyr. Şahyr, il içinde aýdylyşy ýaly, «öz-özi bilen söhbet gurupdyr». Okan eserlerinden, alan terbiýesinden, gözüniň görüp, akylynyň kesdiginden Watan gymmatyny kesgitläpdir.

Akyldar şahyryň ata Watany söýmek, adam mertebesini belende götermek, ulyny sylamak, kiçä hormat goýmak ýaly öwüt-ündewleri häzirki bagtyýarlyk döwrümizde ýaş nesillerimiziň kalbynda hemişelik orun alýar. Akyldar şahyr adamlaryň hemişe ýagşylyk etmeklerini, ejizlere hossar çykmaklaryny, il-günüň alkyşyny almaklaryny isläpdir. Şahyryň ahlak, päk söýgi, mertlik, watançylyk ýaly meselelere bagyşlanan şygyrlary ýaş nesli milli ruhda terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir. Çünki Magtymguly Pyragynyň edebi döredijiligi biziň üçin edep-terbiýe mekdebidir.

Her bir sözi dürden gymmatly şahyryň edebi mirasyny, onuň öwüt-ündew, edep-terbiýe bilen bagly garaýyşlaryny, pikirlerini, öwütlerini öwrenmek, ony amal etmek halkymyzyň bagtyýarlyk döwrüniň nesilleriniň mukaddes borjudyr.

**Mähri BABAÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kliniki farmakologiýa okuwly gospital terapiýa kafedrasynyň assistenti.*

# TÜRKMEN MEDENIÝETINIŇ BELENT SARPASY

*«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Nowruz ýaýlasyndaky «Türkmeniň ak öýi» binasynda Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli guralan çäreleri jemlemek dabarasy geçirildi. Türki medeniýetiň halkara guramasyna (TÜRKSOÝ) agza döwletleriň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen dabara, sungat ussatlarynyň konserti dost-doganlygyň dabaralanmagyna öwrüler. Halkymyzy begendirýän zatlaryň biri-de, şu şanly ýylyň dowamynda Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli täsirli çäreleriň birnäçesiniň geçirilmegidir.*

Änew şäherine bu hormatly derejäniň berilmegi mynasybetli paýtagtymyzda TÜRKSOÝ-a agza ýurtlaryň II teatr festiwaly, «Gorkut ata» halkara kinofestiwaly, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň «Nowruz ýaýlasyndaky» «Türkmeniň ak öýi» binasynda türki halklaryň aýdymçylarynyň konserti, türki halklaryň suratkeşleriniň, amaly-haşam sungatynyň, fotosuratçylarynyň eserleriniň sergisi, TÜRKSOÝ-a agza ýurtlaryň döwlet we milli muzeýleriniň ýolbaşçylarynyň maslahaty ýaly möhüm çäreler geçirildi. Geçirilen halkara we döwlet ähmiýetli medeni-köpçülikleýin, ylmy çäreler Änew medeniýeti barada täze gözýetimleri açyp, täze maksatlara badalga berdi.

«Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilen gadymy Änew şäheri taryha baý. Bu barada Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitabynda: «Änew irki eýýamlardan bäri adamzat ýaşaýşynyň, esasanam, ekerançylyk, daýhançylyk medeniýetiniň ilkinji döräň hem-de ösen merkezleriniň biri bolup durýar» diýip belleýär. Mälim bolşy ýaly, 2024-nji ýyly «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly», gadymy Änew şäherini bolsa şol ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýip yglan etmek baradaky çözgüt Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) hemişelik geňeşiniň Türkiýe Respublikasynyň Bursa şäherinde geçirilen mejlisinde kabul edilipdi. Munuň özi halkara ynsanperwer başlangyçlary işjeňleşdirýän döwlet hökmünde Türkmenistanyň tagallalarynyň we bar bolan ägirt uly medeni mümkinçilikleriniň ykrar edilmeginiň nobatdaky güwäsidir.

«Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» atly maksatnama türki halklaryň medeni mümkinçiliklerini açyp görkezmäge, dünýä jemgyýetçiligini olaryň mirasy bilen tanyşdyrmaga gönükdirilendir. Munuň özi her ýylda türki dilli ýurtlaryň dürli şäherleriniň döredijilik taryhyna ünsi çekmegi, şonuň esasynda hem dürli görnüşdäki baý medeni çäreleriň geçirilmegini göz öňünde tutýar. Şeýle-de, ol türki halklaryň taryhyň dowamynda emele gelen gatnaşyklaryna, medeniýetara hyzmatdaşlygyna esaslanýar. Ýurdumyzyň gadymy şäherleriniň eýýäm ikinji gezek «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan



edilmegi olaryň gadymy taryhyna we baý milli medeniýetine ylmy-döredijilik intelligensiýanyň ünsüni çekmäge, özgertmeler ýolunda häzirki zaman gazananlary bilen tanyşdyrmaga mümkinçilik berýär. 2015-nji ýylda bu hormatly ada Mary şäheri eýe boldy. Bu şäheriň şeýle derejä mynasyp bolmagynyň çäklerinde türki dilli ýurtlaryň hyzmatdaşlygyny, doganlyk halklaryň dostlukly gatnaşyklaryny ösdürmäge ýardam beren çäreler üstünlikli geçirildi.

Häzirki döwürde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan bilen dünýä döwletleriniň hem-de abraýly halkara guramalaryň arasynda hyzmatdaşlyk barha ösdürilýär. Berkarar döwletimiz hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna ygrarly bolup, sebitde we dünýäde parahatçylygy, dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga gönükdirilen giň gerimli işler üstünlikli amala aşyrýar. Bu ugurda yzygiderli alnyp barylýan medeni diplomatiýanyň çäklerinde dünýä döwletleri, aýratyn-da, türki dünýäniň ýurtlary bilen medeni-ynsanperwer gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýär.

**Yhlas ATAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# KEŞDEÇILIK – MILLI MIRASYMYZ

*Türkmen milli el işleriniň naýbaşylarynyň biri-de keşdedir. Keşdeler diňe bir öňki döwürleriň medeniýetini, däp-dessurlaryny saklamak bilen çäklenmän, eýsem, ene-mamalarymyzyň we işine ökde hünärmenleriň döredijilik başarnyklary barada hem maglumat berýär. Alym Arkadagymyz «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» atly eserinde: «Käbämiň gyzlary bilen bile oturyp keşde gaýaýandygy, jorap örýändigi hem edil janly surat eseri ýaly. Hiç bir zat taý bolmajak mähirli garaýyşly käbämiň keşbinde ýyllaryň möhüri galypdyr. Ondan dünýäniň manysyny okap bolýar» diýip, türkmen milli mirasynyň mynasyp waspyny milli keşdeçilik sungatynda görüp bolýandygyny belläp geçýär.*

Halkymyzyň birnäçe milli gymmatlyklarynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşulmagy biziň buýsanjymyzy hasam artdyrýar. Şolar bilen bir hatarda, türkmeniň keşdeçilik sungatynyň hem şol sanawa girizilmegi aýratyn bellärliklidir. Sebäbi amaly-haşam sungatynyň has irki görnüşleriniň biri bolan keşdeçilik sungaty – gelin-gyzlarymyzyň on barmagyndan syzylyp çykyp, döwürleriň waspyny edýän sungat. Häzirki wagtda bu sungat diňe bir ýurdumyzyň çäginde ýaýraman, eýsem, dünýä döwletleriniň hem nazaryny özünde egläp bilýär. Ir wagtlar ýerine ýetirilen keşdäni görüp, şoňa görä keşdeçi zenanyň häsiýetini hem kesgitläp bilipdirler. Sebäbi gelin-gyzlarymyz bu sungaty ýerine ýetirenlerinde, öz ýürek telwasyny, duýgusyny siňdiripdirler. Keşdeçilik sungatynyň özi inçe duýgurlygy, sabyrlylygy talap edýär. Dürli sapaklardan matanyň ýüzünde ajaýyp sungaty döredip, onam toý-baýramlarda gelşirip, eginlerine geýmek diňe türkmen zenanlarynyň başarýan ussatlygydyr.

Keşde çekmek, haly, palas dokamak türkmen zenanlaryna has irki döwürlerden mahsus bolup, olar gelin-gyzlaryň çagalykdan öwrenýän hünäri bolupdyr. Keşde-gaýmalarda, dokmaçylyk önümlerinde oňa salynýan nagyşlaryň özboluşly atlary bolup, olar, esasan hem, çemenzarlyklaryň, sähra-düzleriň, haýwanlaryň, guşlaryň, asman jisimleriniň atlary bilen baglanyşyklydyr. «Çynar», «maralgoçak», «tazyguýruk», «güjük yzy», «at toýnak», «garlawaç guýruk», «guşly», «Aý», «doly Aý», «on bäş Aý», «ýylanöwük», «goçak», «iner dişi», «düýe göz», «gowaça gül», «kädi gül», «kepderi», «atgulak», «kebelek» ýaly nagyşlar öz gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdypdyr. Ähli barlygy inçeden yzarlamagy, syzmagy ussatlyk bilen başaran ene-mamalarymyz türkmen tebigatynyň nagyşlardaky beýany bolan el işlerini öz durmuşlaryna mahsus, gündelik görüp ýören janly-jansyz ähli närselerinden meňzetme alyp döredipdirler, daş-töweregini gurşap alan gözellikden bolsa ylham alypdyrlar. Keşde hem dokma nagyşlarynda duş gelýän «tazyguýruk», «güjük yzy», «iner dişi», «at toýnak» ýaly nagyşlaryň atlary her bir türkmen ojagyna mahsus bolan öý haýwanlarynyň ady bilen bag-



lanyşyklydyr. Pederlerimiziň türkmen alabaýyna bolan hormatyny behişdi bedewlerimize goýulýan sarpa bilen deňeşdirmek mümkin. Maşgalanyň bir agzasy hökmünde at goýlup, ýörite idedilmegi, şejere daragtynyň yzarlanmagy, seçgi geçirilmegi, tohum arassalygynyň saklanmagy türkmen ojagynda alabaýyň sarpasynyň niçiksidigini äşgär edýär. Hatda gadymy otparazlyk dininiň mukaddes kitaby «Awestanyň» tutuş iki baby bu jandaryň wepalylygyna bagyşlanýar.

Milli keşdeçilik sungatynda ata-babalarymyzyň pähimleri, ene-mamalarymyzyň mähir-yhlasy jemlenendir. Şoňa görä-de, biz keşdeçilik sungatyna, milli mirasymyza sarpa goýmak bilen, bu gymmatly mirasy geljekki nesillere ýetirmelidiris.

**Ýaktjan DJUMANIÝAZOWA,**
*Daşoguz welaýatynyň Şabat etrabyndaky 28-nji orta mekdebiň mugallymy.*

# TÜRKMENISTAN-ÝUNESKO: TARYHY GYMMATLYKLAR SANAWA GOŞULAR

*Häzirki wagtda halkymyzyň baý durmuş tejribesi esasynda toplanan, jemgyýetiň ruhy baýlygynyň aýrylmaz bölegi bolan gymmatlyklarymyzy öwrenmek, toplamak, olaryň gadymy nusgalaryny ýüze çykarmak, hasaba almak we geljekki nesillere ýetirmek babatynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň başda durmagynda möhüm wezipeler durmuşa geçirilýär. Türkmen halkynyň döreden taryhy we medeni ähmiýetli mirasynyň naýbaşy nusgalarynyň dünýä medeniýetinde tutýan ornuny ebedileşdirmekde Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça edarasy, ýagny ÝUNESKO bilen bilelikde tutumly işler alnyp barylýar.*

Türkmenistanda ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Türkmenistanyň Milli topary hereket edýär. Golaýda BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Duşuşykda döwletimiziň milli gymmatlyklarymyzy



ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek boýunça teklipleri bilen baglylykda, hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlary kesgitlenildi.

Gadymy Merwiň, Köneürgenjiň, Gadymy Nusaý galalarynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilendigini bellemek gerek. Geçen ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasy we Täjigistan Respublikasy bilen bilelikde teklip eden «Beýik Ýüpek ýoly: Zerewşan – Garagum geçelgesi» atly köptaraplaýyn hödürnamasyny, Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasy we Gazagystan Respublikasy bilen bilelikde taýýarlan «Aram guşaklykdaky Turan çölleri» atly köptaraplaýyn hödürnamasynyň çäklerinde «Bereketli Garagum», «Gaplaňgyr» döwlet tebigy goraghanalaryny, «Repetek» döwlet biosfera goraghanasyny we onuň «Ýerajy» çäkli goraghanasynyň çöl ekoulgamlaryny bu abraýly sanawa girizmek hakyndaky çözgüdiň biragyzdan kabul edilmegi ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da artdyrdy.

Hazar deňziniň günorta kenarýaka zolagynda ýerleşen gadymy Akpatlawuk we Gökpatlawuk läbik wulkanlaryny hem-de Ýangy gala kanýonyny dünýä derejesindäki tebigy geologik ähmiýetli ýadygärlikler hökmünde ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmegiň mümkinçiliklerini öwrenmek babatda teklipler edildi.



Ýangy gala kanýony ýurdumyzyň owadan ýerleriniň biridir. Bu özboluşly owadan ýer Balkanabatdan 165 kilometr demirgazykda we Türkmenbaşydan 160 kilometr gündogarda ýerleşýär. Ol ýerli ilatyň hem-de syýahatçylaryň arasynda meşhurlyga eýedir. Ýangy gala enčeme asyr mundan ozal tebigatyň gyzyl, ak, sary we naryňç öwüşginlerden ýasan äpet we mäkäm galasyny ýada salýar. Onuň reňkleriniň arasynda gyzyl reňk agdyklyk edensoň ýerli ilat oňa Gyzyldag diýýär.

Eziz Diýarymyzda nebit we gaz ýataklary bilen baglanyşykly bolan läbik wulkanlar bar. Läbik wulkanlar täsin tebigy hadysadyr. Bu özboluşly geologiki emele gelmelerdir. Olar köplenç suw we nebit bilen garyşan, yzygiderli ýa-da wagtal-wagtal ýerden atylyp çykýan läbik we gazyň garyndysydyr. Şeýle wulkanlary we olaryň galyndysyny öwrenmegiň uly ähmiýeti bardyr.

**Baýramgül KULYÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 123-nji orta mekdebiň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**«Akylly» äýneklerini satmakçy.** Hytaýdaky «Baidu» internet ägirdi emeli aň berkidilen «akylly» äýneklerini hödürledi. Täze äýnekler kaloriýa sarp edilişine gözegçilik etmäge, derman içmegiň wagtyny ýatlatmaga, saz diňlemäge we wideoşekilleri surata almaga mümkinçilik berýär. Onuň satuwy geljek ýylda başlanar.



**Aýda ösümlikler ýetişdiriler.** Awstraliýanyň «Lunaria One» kompaniýasy ABŞ-nyň «Intuitive Machines» hususy kosmos kompaniýasynyň 2025-nji ýyla meýilleşdiren Aý missiýasyna gatnaşyp, tohum ýerleşdirilen kapsulany Aýa ugradar. «Lunaria One» Aýyň ýüzünde ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek boýunça synaglary geçirmäge taýýarlanýar.



**Ähli döwrüň iň tanymal şahsyýeti.** Golaýda «List Challenges» saýty iň tanymal şahsyýetleriň sanawyny hödürledi. Sanawda birinji orny amerikaly aýdymçy Maýkl Jekson eýeledi. Ilkinji bäşlige Şa zenan Ýelizaweta II, sazanda Elwis Presli, Şa gyzy Diana we futbolçy Lionel Messi girdi. Sanaw jemi 200 şahsyýeti öz içine alýar.



**Ilkinji süýnýän displeý.** Koreýanyň «LG Display» kompaniýasy dünýäde ilkinji süýnýän paneliň çykarylandygyny habar berdi. Çeýe displeý asyl ululygyndan 50 göterime çenli ulalyp biler. Displeý süýndürilen ýagdaýynda hem şekiliň hilini ýokary derejede saklaýar, bu bolsa çeýe elektronika üçin täze mümkinçilikleri açýar.



**Daş plitalary tapdylar.** Nemes arheologlary Gýonnersdorfdaky paleolit döwrüne degişli şäherçede ýüzüne tora düşen balyklar şekillendirilen daş plitalary tapdylar. Bu suratlar, takmynan 15 müň 800 ýaşly bolup, gadymy adamlaryň eýýäm şol wagtlar balyk tutmak enjamlaryna eýe bolandygyny görkezýär.



**Startapa maýa goýdular.** San-Fransiskodaky robotlar bilen meşgullanýan «Physical Intelligence» startapy nobatdaky maliýeleşdiriş tapgyrynyň dowamynda 400 million dollar maýa çekdi. Maýadarlaryň hataryna birnäçe öňdebaryjy kompaniýalar goşuldy. Startapyň soňky maksady adam aňyndan hem ösen emeli aňy döretmekden ybarat.



**Ilkinji gezek ýantar tapyldy.** Germaniýanyň Bremen uniwersitetiniň alymlary Antarktidada ýantaryň ilkinji nusgalaryny tapdylar. Daşa öwrülen şepbik baryp 2017-nji ýylda Amundsen deňziniň düýbünden çykarylan kerniň düzüminde saklanýan eken. Ýantaryň ýaşy 90 million ýyla deň bolup, hek döwrüne gabat gelýär.



**«Titanic»-den galan sagat auksionda.** 1912-nji ýylyň 15-nji aprelinde «Titanic» gämisiniň heläkçilige uçran wagty işlemegini togtadan jübi sagady auksiona çykaryldy. Urugwaýly ýolagçy Ramon Gomesiň sagadyndaky wagt 04:53-i görkezip, gämi gark bolanyndan iki ýarym sagat soň togtapdyr. Sagadyň bahasy 100 müň dollara ýetip biler.



**«Älem gözeli» saýlandy.** Daniýaly Wiktoriýa Kýer Teýlwig «Älem gözeli – 2024» bäsleşiginde ýeňiş gazanan ilkinji daniýaly zenan boldy. 21 ýaşly professional tansçy, telekeçi we aklawçy zenan beýleki 126 bäsdeşinden öňe saýlanyp, Mehiko şäherinde her ýyl geçirilýän gözellik bäsleşiginiň ýeňijisi boldy.



**Wýetnamly gözel ýeňiji boldy.** Tokioda geçirilen «Miss International» bäsleşiginde wýetnamly 22 ýaşly talyp gyz Than Tuý ýurduň taryhynda ilkinji gezek ýeňiş gazandy. Ol dürli ýurtlardan gelen 70 gatnaşyjydan üstün çykdy. Şeýle-de, ilkinji bäşlige Boliwiýadan, Ispaniýadan, Wenesueladan we Indoneziýadan gözeller gatnaşdy.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1946-njy ýylyň 22-nji noýabrynda ilkinji şarikli ruçkalar Angliýada satuwa çykaryldy. Şeýle ruçkalar Nýu-Ýorkda, 1945-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda satuwa çykarylypdy. Ruçkanyň işleýiş ýörelgesi 1888-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda ABŞ-da Jon Loud tarapyndan patentleşdirildi.**



# Tramp hökümet agzalaryny kesgitleýär

ABŞ-nyň 47-nji Prezidenti wezipesine saýlanan Donald Tramp milliarder Ilon Maskyň we telekeçi Wiwek Ramaswaminiň Döwlet dolandyrylyşynyň täsirliligini ýokarlandyrmak boýunça ministrligiň ýolbaşçylary wezipelerine bellenilýändigini habar berdi. Täze ministrlige «Hökümet netijeliliginiň departamenti» (Department of Government Efficiency) adyny Trampyň özi berdi. Bu edaranyň federal çykdajylary düzgünleşdirmek we hökümetiň gurluşyndaky özgertmeler bilen meşgullanjakdygy habar berilýär. Ilon Mask degişli metbugat beýanaty X sosial ulgamyndaky akkauntynda ýerleşdirdi.

«Bu iki beýik amerikaly bilelikde meniň administrasiýama çykdajylary azaltmaga we federal agentlikleri üýtgedip gurmaga tarap ýol açar» diýlip, Trampyň beýanatynda aýdylýar. «Biz her ýyl döwlet býujetine 6,5 trillion dollar möçberde zyýan ýetirýän köpçülikleýin harçlamalary aradan aýrarys. Bu bolsa, Amerikanyň Garaşsyzlygynyň yglan edilmeginiň 250 ýyllygyna ajaýyp sowgat bolar» diýlip, beýanatda bellenilýär.

Ýeri gelende ýatlap geçsek, «Tesla» we «SpaceX» kompaniýalarynyň ýolbaşçysy üçin federal hökümetdäki wezipe barada Tramp he-




niz saýlawdan öňki kampaniýasynda ýatlap geçipdi. Biotehnologiýa pudagyndaky taslamalary bilen tanalýan amerikaly telekeçi Wiwek Ramaswami 2024-nji ýyldaky kampaniýanyň çäklerinde Respublikan partiýadan ABŞ-nyň prezidentligine dalaşgär bolupdy we ýeterlik ses gazanyp bilmänsoň, kampaniýadan çykypdy. Eýýäm şol döwürde Ramaswami Trampyň administrasiýasynda wise-prezident wezipesi üçin göz öňünde tutulypdy.

Şeýle hem Tramp «Fox News»-yň alypbaryjysy we harby weteran Pit Hegseti goranmak ministri wezipesine teklip etdi we ony «gaýduwsyz, akylly we Amerikany ileri tutmakda hakyky ynanýan adam» diýip häsiýetlendirdi. Şeýle hem Tramp Günorta Dakota ştatynyň gubernatory Kristi Noemi içerki howpsuzlyk sekretary wezipesine hödürledi. Ol Donald Trampyň serhet howpsuzlygy syýasatyny durmuşa geçirmekde möhüm rol oýnar.

Mundan başga-da, Donald Tramp Florida ştatyndan respublikan kongresmen Maýkl Woltsy milli howpsuzlyk boýunça geňeşçi we Arkanzas ştatyndaky öňki gubernatory Maýk Hakabini ABŞ-nyň Ysraýyldaky ilçisi edip bellejekdigini aýtdy. Şeýle-de, Donald Tramp Florida ştatyna wekilçilik edýän senator Marko Rubiony döwlet sekretary, Gawaýi ştatyna wekilçilik eden kongresiň wekiller palatasynyň öňki agzasy Tulsi Gabbardy ABŞ-nyň Milli aňtaw gullugynyň başlygy, Robert Kennedi – kiçini ABŞ-nyň saglygy goraýyş ministri, respublikan kongresmen Mett Getsi Baş prokuror – adalat sekretary, Demirgazyk Dakota ştatynyň gubernatory Duglas Bergamy Milli energetika geňeşiniň başlygy, saýlawdan öňki kampaniýanyň metbugat sekretary Kerolaýn Liwitti Ak Tamyň metbugat sekretary wezipesine hödürländigini habar berdi.

ABŞ-da Prezident saýlawlary 5-nji noýabrda geçirildi. Bäsleşik wise-prezident Kamala Harris we ABŞ-nyň öňki döwlet Baştutany Donald Trampyň arasynda boldy. Ses berişlikde Tramp 51 göterim, Kamala Harris bolsa, 47,4 göterim sese eýe boldy.

# Möhletinden öňki saýlawlar geçiriler

**Germaniýanyň Sosial-demokratik partiýasy (SPD) we garşydaş blogyň ýolbaşçylary Hristian demokratik we Hristian-sosial bileleşiginiň (CDU/CSU) ýolbaşçylary nobatdan daşary parlament saýlawlarynyň geçiriljek güni barada ylalaşdylar. Bundestagda hökümete ynam meselesi boýunça ses berişlik 16-njy dekabrda meýilleşdirilýär.**

**Germaniýada 2025-nji ýylyň 23-nji fewralynda Bundestaga nobatdan daşary saýlawlar geçiriler. Bu sene SPD toparlarynyň ýolbaşçylary, garşydaş blok CDU/CSU, şeýle hem «Union 90/ýaşyllar» partiýasynyň wekilleri tarapyndan tassyklandy.**

**Çünki Germaniýada 6-njy noýabrda Sosial-demokratlardan, Erkin demokratik partiýanyň (FDP) liberallaryndan we «ýaşyllardan» ybarat «swetofor koalisiýasynyň» işlerinde syýasy çökgünlik ýüze çykdy. Bu Germaniýanyň Kansleri Olaf Şolsuň ýurduň býujeti bilen baglanyşykly meseleler sebäpli maliýe ministri Kristian Lindneri wezipesinden çetleşdirenden soň bolup geçdi. Bu ýagdaý Lindneriň Erkin demokratik partiýasyndaky (FDP) kärdeşleriniň hökümet wezipelerinden meýletin çekilmegine sebäp boldy.**



**Indi Kansler Şolsuň öz hökümetine bolan ynam meselesini 16-njy dekabrda Bundestagda sese goýmagyna garaşylýar. Bundestaga nobatdan daşary saýlawlaryň geçiriljek güni barada gutarnykly karary Germaniýanyň Prezidenti Frank-Walter Ştaýnmaýer hem kabul etdi.**

# G20 ÝURTLARYNYŇ SAMMITI

18-19-njy noýabrda Rio-de-Žaneýroda G20 ýurtlarynyň liderleriniň sammiti geçirildi. Şu ýylky forumyň şygary «Adalatly dünýä we durnukly planetany gurmak» diýlip atlandyryldy. G20 sammiti 19 ýurduň we Ýewropa Bileleşiginiň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda geçirildi.

Sammitde dünýä ykdysadyýetiniň we syýasatynyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Braziliýa şu ýyl G20 sammitiniň başlygy hökmünde sosial inklýuziwligi, halkara guramalarynyň işiniň özgerdilmegi we ýaşyl energiýa geçiş ýaly üç esasy ugry ileri tutýandygyny mälim etdi.

Liderler sammitiň birinji gününde sosial integrasiýa arkaly açlyga we garyplyga garşy global bileleşigiň döredilmeginiň möhümdigi barada pikir alyşdylar. Bu, 2030-njy ýyla çenli şu zeýilli sosial ýagdaýlara garşy göreşi tizleşdirmek üçin ýurtlaryň we halkara guramalaryň çynlakaý goşandyny aňladýar. Mundan başga-da, dünýä Liderleri BMG, HPG we BSG ýaly guramalaryň işlerini has netijeli we adalatly ýola goýmak maksady bilen olary özgertmegiň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Sammitiň ikinji güni durnukly ösüş we «ýaşyl» energiýa geçiş meselelerine bagyşlandy. G20 ýurtlarynyň paýyna kömürturşy gazynyň galyndylarynyň köp bölegi düşýär, şonuň üçin Braziliýa «ýaşyl» tehnologiýalara we energiýa geçişi has-da ileri tutýar. Sammite gatnaşyjylar ikitaraplaýyn duşuşyklary hem geçirdiler. Maslahatyň ahyrynda Braziliýa G20-iň başlyklygyny Günorta Afrika Respublikasyna geçirdi.

«Uly ýigrimiligiň» düzümine Awstraliýa, Argentina, Braziliýa, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Hindistan, Indoneziýa, Italiýa, Kanada, Hytaý, Meksika, Russiýa, Saud Arabystany, ABŞ, Türkiýe, Fransi-




ýa, Koreýa Respublikasy, Günorta Afrika Respublikasy, Ýaponiýa we Ýewropa Bileleşigi ýaly ykdysadyýeti has ösen we ösýän ýurtlar girýär.

G20 topary dünýäniň jemi içerki önüminiň 85 göterimini, dünýä söwdasynyň 75 göterimini, şeýle hem dünýä ilatynyň üçden iki bölegini emele getirýär. 1999-njy ýylda esaslandyrylan bu Halkara guramasynyň mejlisinde, esasan, halkara maliýe ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar.

# Peruda APEC-iň sammiti geçirildi

15-16-njy noýabrda Perunyň paýtagty Limada Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygy (APEC) ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň 31-nji sammiti geçirildi. Sammite Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň 21 ýurdundan döwlet Baştutanlary, degişli ministrlikleriň ýolbaşçylary, hususy pudaklaryň we halkara jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri gatnaşdy. Her ýyl geçirilýän bu duşuşygyň barşynda Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň durnukly ösüşiniň esasy meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar.

Forumyň maksatnamasyna erkin we açyk söwdany guramak we maýa goýumlaryny çekmek; sebitdäki ýurtlaryň ykdysady integrasiýasyny ilerletmek we çaltlandyrmak; birleşigiň agzalarynyň arasynda ykdysady we tehniki hyzmatdaşlygy ösdürmek; adam howpsuzlygyny ýokarlandyrmak hem-de amatly we dowamly iş gurşawyny döretmek ýaly meseleler girizildi.

Iki günlük sammite gatnaşyjylar, ilki bilen, Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň özara gatnaşyklarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak we berkit-



mek, söwda, maýa goýumlary we durnukly ösüş baradaky meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Sammitiň işine Ýaponiýanyň Premýer-ministri Isiba Sigeru, ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden we Hytaýyň Başlygy Si Szinpin gatnaşdy. Si Szinpiniň maslahata gatnaşmagy Hytaýyň Latyn Amerikasyndaky täsiriniň barha artýandygyny görkezýär. APEC sammitiniň çäginde ABŞ bilen Hytaýyň, Ýaponiýa bilen Hytaýyň, Ýaponiýa bilen ABŞ-nyň arasyndaky ikitaraplaýyn gepleşikleri öz içine alýan birnäçe gepleşikler geçirildi.

Başlyklyk edýän ýurt bolan Perunyň karary bilen bileleşigiň maslahatynda sanly ykdysadyýet we innowasiýa, «ýaşyl» energiýa geçiş, durnukly we inklýuziw ösüş meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygy sebitiň 21 ykdysadyýetiniň söwda we maýa goýumlaryny ýeňilleşdirmek we liberallaşdyrmak boýunça hyzmatdaşlyk forumydyr. Oňa Awstraliýa, Bruneý, Kanada, Indoneziýa, Ýaponiýa, Koreýa Respublikasy, Malaýziýa, Täze Zelandiýa, Filippinler, Singapur, Tailand, ABŞ, Taýwan, Gonkong, Hytaý, Meksika, Papua Täze Gwineýa, Çili, Peru, Russiýa, Wýetnam gatnaşýar. Forumyň maksady ykdysady ösüşi ýokarlandyrmakdan, sebitdäki abadançylygy we Aziýa-Ýuwaş umman jemgyýetini güýçlendirmekden ybaratdyr.

Bu ýurtlarda dünýä ilatynyň, takmynan 40 göterimi ýaşaýar, jemi içerki önümiň, takmynan 54 göterimini we dünýä söwdasynyň 44 göterimini eýeleýär. Birleşik 1989-njy ýylda Awstraliýanyň we Täze Zelandiýanyň Premýer-ministrleriniň başlangyjy bilen Kanberrada döredildi. APEC-iň Singapurda ýerleşýän hemişelik sekretariaty bar. Başlyklyk her ýyl üýtgeýär. Şu ýyl Peru APEC-iň taryhynda eýýäm üçünji gezek ýolbaşçylyk etdi we 2025-nji ýylyň başlyklygyny Koreýa Respublikasyna geçirdi.

# Saýlawlaryň soňky netijeleri

Gruziýanyň Merkezi saýlaw komissiýasynyň başlygy Georgiý Kalandarişwili 26-njy oktýabrda geçirilen parlament saýlawlarynyň soňky teswirnamasyna gol çekdi. Bu barada ýurduň Merkezi saýlaw toparynyň web saýty habar berdi.

«Soňky teswirnama düzüldi, şeýlelikde saýlaw döwri tamamlandy» diýip, Kalandarişwili belledi.

Merkezi saýlaw komissiýasynyň sekretary Georgiý Jawahişwiliniň jemleýji ýygnakda belleýşi ýaly, dolandyryjy «Gruzin arzuwy – Demokratik Gruziýa» partiýasy parlament saýlawlarynda 53,93 göterim ses alyp ýeňiş



gazandy. Ol kanun çykaryjy edaradaky 150 orundan 89-syna eýe boldy.

Merkezi saýlaw toparynyň sekretary ähli partiýalaryň alan sesleriniň göterimini hem mälim etdi. «Gruzin arzuwyndan» başga-da dört garşydaş partiýa 5 göterim päsgelçilikden geçdi. «Özgerişlik üçin bileleşik» 11,03 göterim gazandy we 19 orun eýeledi, «Agzybirlik – milli hereket» 10,17 göterim we 16 orun, «Güýçli Gruziýa» 8,81 göterim we 14 orun, «Gruziýa üçin Gahariýa» 7,78 göterim we 12 orun aldy.

Mundan başga-da, Jawahişwiliniň habar berşi ýaly, 3,5 milliondan gowrak saýlawçydan 2,1 milliondan gowrak adam ses berdi. Takmynan, 34,9 müň saýlaw býulleteni güýçsüz diýlip hasap edildi.



# Milli halk häkimiýeti öňde barýar

**Şri-Lankanyň Prezidenti Anura Kumara Dissanaýakeniň syýasy bileleşigi bolan «Milli halk häkimiýeti» ýurtda geçirilen parlament saýlawlarynda sesleriň üçden ikisine eýe boldy. Bu barada ýurduň saýlaw komissiýasy tarapyndan ýaýradylan maglumatlar tassyklaýar.**

**«Milli halk häkimiýeti» 159 orny, «Birleşen milli güýç» partiýasynyň başlygy Sajit Premadasa bolsa, 40 orun bilen ikinji orny eýeledi.**

**Şri-Lankanyň parlamenti 225 wekilden ybarat. Olardan 196-sy köp agzaly 22 saýlaw okrugynda saýlanýar. Galan 29 orun milli ses berişligiň netijelerine görä proporsional paýlanýar.**

**21-nji noýabrda täze parlament ilkinji mejlisini geçirmek üçin ýygnanar we täze başlygyny saýlar. Şri-Lankanyň kanunlaryna laýyklykda, dolandyryjy partiýanyň kanunlary kabul etmek üçin parlament köplügine we Konstitusiýa üýtgetmeler girizmek üçin sesleriň üçden ikisine zerurlygy bar.**

# Obalaryň ösüşini çaltlandyrmaga çagyrdy

Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Baş sekretary Si Szinpin Hytaýyň döwrebaplaşdyrylmagyny öňe ilerletmek üçin oba ýerleriniň ösüşini çaltlandyrmaga çagyrdy. Bu barada Si Szinpin ýurduň Hubeý welaýatynyň (Merkezi Hytaý) Syannin şäheriniň golaýyndaky Syy obasyna iş sapary wagtynda aýtdy.

Ösüşiň iň möhüm meseledigini bellän Si Szinpin, oba ösüşiniň ilkinji nobatda, senagat arkaly gazanylmalydygyny aýtdy.

– Oba hojalygy bilen meşgullanmak bolelin ýaşamagy üpjün edýär, sebäbi oba hojalygynda uly mümkinçilik bar – diýip, Hytaýyň Başlygy belledi.

Si Szinpin, Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň ähli derejedäki komitetleriniň we hökümetiň oba hojalygynyň maksatnamalaryna, obalaryň we daýhanlaryň zähmetine uly ähmiýet bermelidigini hem-de olaryň maddy binýadyny berkitmelidigini, hyzmatlary kämilleşdirmelidigini we halk üçin has gowy durmuşy üpjün etmelidigini belledi.

Syy obasynda Si Szinpin garrylar üçin niýetlenen naharhana, lukmançylyk merkezine hem-de partiýa agzalary we halk köpçüligi üçin niýetlenen durmuş taýdan hyzmat edýän merkeze baryp gördi.



# Sankt-Peterburg – Russiýanyň medeniýet merkezi

Sankt-Peterburg bir milliondan gowrak ilaty bolan dünýäniň iň demirgazyk şäheridir. Şeýle hem Sankt-Peterburg Russiýada ilaty milliondan geçen iň günbatar şäherdir. Bu şäher Russiýanyň demirgazyk-günbatarynda, Fin aýlagynyň kenarynda we Newa derýasynyň boýunda ýerleşip, Leningrad sebiti bilen goňşy, şeýle hem Finlýandiýa we Estoniýa bilen deňiz arkaly serhetleri bar.

Şäherde ýylda ortaça 62 gün howa güneşli bolýar. Ýylyň köp böleginde bulutly howa agdyklyk edýär. Günüň dowamlylygy 22-nji dekabrda 5 sagat 51 minutdan 22-nji iýunda 18 sagat 50 minut aralygynda üýtgeýär. Adatça, 25-26-njy maýdan 16-17-nji iýula çenli Sankt-Peterburgda «ak gijeler» döwri bolýar. Bu ýagdaý Gün şöhlesiniň derejesiniň üýtgemegi bilen düşündirilýär. Ak gijeler 50 günden gowrak dowam edýär.

Sankt-Peterburga dünýä ähmiýetli medeni merkez, köplenç Russiýanyň «Medeni paýtagty» diýilýär. Şäherde 8 müň 464 sany medeni miras ýadygärligi bar, şol sanda federal ähmiýetli 4 müň 213 sany medeni miras ýadygärligi bolup, bu Russiýa Federasiýasynyň çäginde döwlet tarapyndan goralýan ýadygärlikleriň, takmynan 10 göterimini düzýär.



Sankt-Peterburg Russiýanyň möhüm ykdysady, ylmy we medeni merkezidir. Şäheriň taryhy merkezi we ýadygärlikler toplumlary ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilip, ýurtdaky iň möhüm syýahatçylyk merkezlerinden biridir. Iň möhüm medeni we syýahatçylyk ýerleriniň arasynda Ermitaž, Kunstkamera, Mariinskiý teatry, Russiýanyň milli kitaphanasy, Rus muzeýi, Petropawlowsk galasy, Keramatly Isaakiýewsk sobory, Newskiý prospekti bar.

Şäherde 200-den gowrak muzeý we olaryň şahamçalary, üç million töweregi sungat eseri we dünýä medeniýetiniň ýadygärlikleri bilen bir hatarda Rus sungatynyň iň uly muzeýi hasaplanýan Ermitaž, Merkezi harby deňiz muzeýi, Russiýanyň sungat akademiýasynyň ylmy-barlag muzeýi, Şäher heýkeltaraşlygynyň döwlet muzeýi, Sankt-Peterburgyň taryhy muzeýi, Beýik Pýotr adyndaky antropologiýa we etnografiýa muzeýi (Kunstkamera), «Piterhof», «Oranienbaum», «Sarskoe Selo», Pawlowsk, «Puşkinskaýa 10» sungat merkezleri, Erarta häzirki zaman sungat muzeýi, A.S.Puşkin adyndaky Bütinrussiýa muzeýi ýerleşýär. Sankt-Peterburgda 1100 kitaphana bolup, olaryň arasynda iň ulusy Russiýanyň Milli kitaphanasy, Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň kitaphanasy, B.N.Ýelsin adyndaky Prezident kitaphanasy bar. Mundan başga-da, 50-den gowrak medeni we dynç alyş edaralary we 50-den gowrak kinoteatr bar.

Sankt-Peterburgda birnäçe döredijilik uniwersiteti bar: N.A.Rimskiý-Korsakow adyndaky Sankt-Peterburgyň döwlet konserwatoriýasy, A.Ý.Waganowa adyndaky Rus baletiniň akademiýasy, Russiýanyň döwlet sahna sungaty instituty, Sankt-Peterburgyň I.E.Repin adyndaky surat, heýkeltaraşlyk we binagärlik instituty, A.L.Ştiglis adyndaky Sankt-Peterburgyň döwlet çeperçilik we senagat akademiýasy, Sankt-Peterburg sungat mekdebi, Sankt-Peterburg döwlet kino we telewideniýe instituty. Şäherde, takmynan 10 kinostudiýa bar, olaryň arasynda iň köneleri «Lenfilm» we «Lennauçfilm» bolup durýar.

Şäher esaslandyrylanda Wenesiýadan we Amsterdamdan nusga alnypdyr. Şäherde gatnaw daş düşelen köçeler bilen däl-de, kanallar arkaly amala aşyrylmagy nazarda tutulypdyr. Bu şäheriň ýaşaýjylary ýeňil gaýyklarda hereket edipdirler. 1716-njy ýylda şäheriň ilkinji umumy taslamasyny italýan binagäri Domeniko Trezini taýýarlapdyr. Ussat binagäriň taýýarlan çyzgysyndaky göni köçeler, giň şaýollar Sankt-Peterburgyň özboluşly aýratynlygyna öwrülipdir.

## «Pairi Daiza» – täsin myhmanhanaly haýwanat bagy

Ýer ýüzünde janly-jandarlaryň dürli görnüşi ýaşaýar. Janly-jandarlary ýakyndan synlamak üçin ýa olaryň ýaşaýan ýerine gitmeli, ýa-da haýwanat bagyna barmaly. Belgiýanyň «Pairi Daiza» atly haýwanat bagy bolsa öz myhmanlaryna has täsin hyzmaty ýola goýupdyr. Haýwanat bagynyň içindäki myhmanhananyň penjiresinden Demirgazyk polýusda ýaşaýan deňiz jandarlaryna tomaşa edip bolýar. Agramy bir tonnadan geçýän, boýy 3,5 metre barabar bolan morža penjireden tomaşa etmek myhmanlarda ýatdan çykmajak täsir galdyrýar. Myhmanhananyň binagärlik aýratynlyklary hem sowuk ýeriň tebigatyny ýadyňa salýar. Diwarlar gök, ak hem-de kümüşsöw ýaly buzuň dürli öwüşginleri bilen reňklenipdir.



«Pairi Daiza» haýwanat bagynda 7 müňden gowrak janly-jandar idedilip, haýwanlaryň ýaşaýan tebigy aýratynlyklaryna görä böleklere bölünipdir. «Land of Cold», ýagny «Sowugyň diýary» atly bölümde «Walrus House» atly myhmanhana ýerleşýär. Bu ýerde ak aýylara we pingwinlere tomaşa etmek üçin ýörite niýetlenen otaglar bar. Haýwanat bagynyň çäginde möjekleri, aýylary, gaplaňlary we beýleki jandarlary görmek üçin ýörite otaglar bar. Haýwanat bagynyň myhmanlaryna ertirlik we agşamlyk nahar hem hödür edilýär. Şeýle hem bu ýerde tebigaty goramaga degişli durmuşa geçirilýän taslamalar barada maglumatlar berilýär.



# Plastmassanyň ýerine näme ulanyp bolar?

**Senagatda iň köp işlenilýän önümleriň biri bolan plastmassa soňky ýyllarda «tutuş dünýäni tutdy». Häzirki wagtda toplanýan galyndylaryň 60 göterimden gowragyny plastmassa önümleri emele getirýär. Ýagny her ýyl 350 million tonnadan gowrak plastik galyndy zibile taşlanýar. Soňky ýyllarda plastmassa önümlerinden ummanlary we tebigaty arassalamak babatda birnäçe maksatnamalar durmuşa geçirilýär. Birnäçe ýurtlarda plastmassa önümleriniň ulanylyşy çäklendirilýär. Käbir ýurtlarda bolsa plastik önümleri ulanmak gadagan edilýär. Gazetimiziň şu sanynda ekologiýa üçin iň zyýanly plastik önümler barada maglumat bermegi makul bildik.**

**Suw çüýşesi we plastik turbajyklar.** Dünýäde her ýyl toplanýan hapalaryň, takmynan 90 göterimini plastik suw çüýşeleri we turbajyklar emele getirýär. Plastik suw çüýşeleridir turbajyklar ummanlara aralaşyp, deňiz jandarlarynyň ekoulgamyna öz täsirini ýetirýär. Oňurgasyz kiçijik deňiz jandarlary plastmassa bölejiklerini iýýärler. Balykdyr uly deňiz jandarlary hem gelip, plastmassa iýen kiçijik deňiz jandarlaryny ýuwudýarlar. Şeýlelikde, balykdyr deňiz jandarlarynyň köpüsi gyrgynçylyga sezewar bolýarlar. Deňiz jandarlarynyň galyp-gaçanlary hem tutulyp, bazarlara getirilýär. Şeýlelikde, plastmassa bölejigi iýmit zynjyry hökmünde aýlanyp başlaýar.

Maglumatlara görä, ABŞ-da her sekuntda 1500 plastik çüýşe suw içilýär. Bu plastik çüýşelerde adam bedenine ýaramaz täsir edýän BPA we phalat himiki maddalary bar. Mundan başga-da, dünýäde nebitiň 25 göterimi plastik çüýşeleri öndürmek üçin ulanylýar. Munuň öňüni almak üçin bolsa, plastik suw çüýşäniň deregine aýna çüýşejikleri öndürmeli bolýar. Aýna çüýşäni hem edil plastik çüýşe ýaly ýanyňda göterip, öýde we köpçülikleýin ýerlerde ulanyp bolar. Uzak wagtlap ulanmaga niýetlenendigi sebäpli, aýna çüýşäniň suwuny çalşyp durmaly. Şeýle hem şerbetdir dürli içimlikleri plastik turbajyk ulanmazdan, bambuk taýajyk ýa-da uzak wagtlap ulanyp bolýan poslamaýan metaldan ýasalan turbajyk bilen içmek maslahat berilýär.

**Kofe içilýän plastik bulgurlar.** Ekologiýany hapalaýan, iň köp ulanylýan plastik önümleriň sanawynda 3-nji ýerde kofe içilýän plastik bulgurlar gelýär. Aslynda, kofe içmek üçin jäç gaplaryň ulanylýandygyna garamazdan, köp ýurtda çaý ýa-da kofe içilýän bir gezeklik ulanylýan plastik bulgurlar öňdeligi eýeleýär. Maglumatlara görä, Awstraliýa kofe içilýän plastik bulgurlary iň köp ulanýan ýurt hasaplanýar. Kofe ýa-da çaý içmek üçin plastik bulguryň ornuna kiçijik kürüşge ýa-da aýna bulgur ulanyp bolar.

**Plastik diş çotga.** Diş çotgalaryň köpüsi neýlon tüýjagazdan we içinden sim geçýän plastmassa tutawaçdan durýar. Diş çotgasyny senagatda gaýtadan işläp bolmaýar. Şol sebäpli dişimizi arassalamak üçin her gün ulanýan bu enjamymyz ýylyň-ýylyna toplanyp, ekologiýa üçin zyýanly önümleriň birine öwrülýär. Plastik diş çotgasynyň ýerine bambukdan ýasalan biologik taýdan arassa diş çotgasyny ýa-da meswäk ulanyp bolar. Meswäk Gündogar ýurtlarynda irki döwürlerden bäri ulanylyp gelinýän arassaçylyk serişdesi bolup, zeýtun ýa-da dagdan agajyndan ýasalýar. 15 santimetr çemesi uzynlykdaky bu taýajygyň bir ujy kertik-kertik, beýleki ujy gyýçak bolýar.

**Plastik torbalar.** Dünýäniň käbir ýurdunda ulanylmagy gadagan edilendigine garamazdan, köp ýurtda her gün millionlarça plastik torbalar ulanylýar. Önümçilikde birnäçe gezek gaýtadan işlenilip, ýenede söwda maksatly ulanylyşa goýberilýän plastik torbalar ekologiýa we saglyk üçin zyýanly önümleriň biri hasaplanýar. Plastik torbalaryň deregine matadan tikilen ýa-da kagyz torbalary ulanmak iň gowusydyr. Häziriki wagtda dünýäniň köp ýurdunda söwda maksatly kagyz torbajyklara uly üns berilýär.



**Plastik iýmit gaplary.** Ekologik hünärmenleriň köpüsi «Ilki bilen, plastik iýmit gaplaryndan dynmaly» diýen pikiri öňe sürýärler. Dogrudan hem, durmuşymyza giňden ornaşan plastik gapda nahar iýýäris, artykmaç iýmiti plastik gaba salyp goýýarys, hatda plastik gapda nahar hem gyzdyrýarys. Saglyk üçin örän howply bolan plastik gaplary öýde we köpçülikleýin ýerlerde ulanyşdan aýyrmak kyn däl. Sebäbi plastik gabyň ornuny tutýan agaçdan, metaldan we farfordan ýasalan gaplar sanardan kän. Aslynda, durmuşda plastmassa gaba zerurlyk hem duýlanok. Köplenç nahar salnan gabyň, işdäaçaryň we miweleriň üstüne plastik örtgi (paket) ýapylýar. Biologik taýdan adama zyýanly hasaplanýan plastik örtginiň deregine farfor gapak ýa-da jäjem gabyň özüni ýapyp bolar.

## ÇAGALAR

**Goliaf gurbagasy 3 metre çenli aralyga böküp bilýär. Bu gurbaganyň uzynlygy 32 santimetre, agramy 3,25 kilograma ýetýär.**

# Tebigatyň iň äpet jandarlary

**Ýer ýüzünde ululy-kiçili millionlarça jandar ýaşaýar. Tebigatda çekirtgeden kiçi guşjagaza, pilden uly balyga gabat gelmek bolýar. Eýsem, janly-jandarlaryň öz maşgalasynyň iň uly agzalary haýsylarka?! Geliň, äpet jandarlaryň käbiri barada gysgaça maglumata seredeliň!**

**GÖK KIT.** Gury ýerde we suwda ýaşaýan iň uly jandar bolan gök kitiň uzynlygy 30 metrden geçýär. Onuň dili pil ýaly, ýüregi ortaça awtoulag kysmyrak bolýar. Beýle äpet jandaryň golaýyna baran ähli zady ýuwudýandygyny pikir edýän bolsaňyz, ýalňyşýarsyňyz! Gök kitler suwda ýaşaýan iň kiçi organizm bolan planktonlar bilen iýmitlenýär. Planktonlaryň ululygy 1,5-2 santimetr çemesi bolýar. Ýagny iň uly jandarlar iň kiçi jandar bilen iýmitlenýär.

**TORLY PITON.** Ýylanlaryň bu görnüşiniň ortaça uzynlygy 4-5 metr aralygynda üýtgeýän hem bolsa, käwagt 10 metre golaý torly pitonlara hem gabat gelinýär. Olaryň agramy 350 kilograma çenli ýetýär. Bu ýylanlar zähersiz bolýar. Ýylanlaryň bu görnüşi Günorta-Gündogar Aziýadaky batgalyklarda, tropik tokaýlarda ýaşaýar.

**ÄPET KALMAR (ARHITEUTIS).** Molýuskanyň kellaýakly bir görnüşi bolan bu jandarlar suwuň 1000 metr aşagynda ýaşaýar. Olaryň boýy 15 metre ýetýär. Jandaryň iň täsin tarapy, diametri 25 santimetre ýetýän gözleridir.

**KIT AKULASY.** Suwda ýaşaýan iň iri ýyrtyjy jandar hasaplanýan kit akulasynyň uzynlygy 14 metre ýetýär. Köplenç Gün şöhlesiniň ýetmeýän garaňky çuňluklarynda ýaşaýan bu jandaryň agramy 20 tonna golaýlaýar. Kit akulasy Ýuwaş, Atlantik we Hindi ummanlarynda ýaşaýar. Göwresiniň iridigine garamazdan, çeýeligi bilen tapawutlanýan bu deňiz jandary ýylda 12 müň kilometr ýol geçýär.

**KADÝAK AÝYSY.** Polýar aýysynyň goňur görnüşi hasaplanýan bu ýyrtyjy jandaryň ady ýaşaýan ýeri bilen baglanyşyklydyr. Bu aýylar Alýaskanyň Kadýak adasynda we Kadýak arhipelagyndaky beýleki adalarda ýaşaýar. Ol gury ýerde ýaşaýan iň uly ýyrtyjy haýwan hasaplanýar. Azaşman, ýoluny tapmaga ökde bu aýylaryň boýy 2,8 metre ýetýär. Iň uly Kadýak aýysynyň agramy 780 kilograma ýetýär.



**KOMODO ZEMZENI.** Indoneziýanyň gündogaryndaky tokaýlyklarda ýaşaýan komodo zemzeni hažžygyň iň uly görnüşi hasaplanýar. Olaryň uzynlygy 3 metre, agramy 200 kilograma çenli bolýar. Hernäçe uly hem bolsa, bu jandarlar adamlara topulmaýar.

**DEŇIZ KROKODILI.** Krokodilleriň jemi 22 görnüşi bolup, olar köplenç yssy ýurtlarda akar suwda ýaşaýar. Emma olaryň şor suwda, ýagny deňizde ýaşaýan görnüşi derýada ýaşaýan garyndaşlaryndan has uly. Deňiz krokodiliniň boýy 4-5 metr bolýar. Häzire çenli hasaba alnan iň uly krokodiliň uzynlygy 7,20 metre ýetýär. Ady deňiz krokodili bolsa-da, olar derýalarda hem ýaşaýar. Bu jandarlar Günorta-Gündogar Aziýada, Demirgazyk Awstraliýada we Hindistanyň gündogarynda ýaşaýar.

**ŽIRAF.** Bu jandarlaryň boýy beýleki haýwanlaryň ählisinden uzyn. Şol sebäpli žiraflar agaçlaryň beýik şahalaryndaky ýapraklar bilen iýmitlenýär. Olaryň boýy 6 metre ýetýär. Žiraflaryň derisindäki owadan nagyşlaryň her biri edil, adamyň barmak yzlary ýaly bir-birinden tapawutlydyr. Ýagny hiç bir žiraf beýlekisine meňzemeýär. Uzyn boýly jandary görmek üçin onuň ýaşaýan ýeri bolan Afrika gitmegiň zerurlygy ýok. Ony görmek üçin Köpetdagyň etegindäki Janly tebigatyň milli muzeýine baryp bilersiňiz.

**DÜÝEGUŞ.** Uçup bilmeýän bu jandarlar häzirki wagtda dünýäniň iň uly guşlary hasaplanýar. Olaryň boýy 2,5 metr, agramy 90-145 kilogram aralygynda bolýar. Her bir jandaryň duşmanyndan goranmak ukyby bar. Iri ýyrtyjy haýwanlaryň ýaşaýan ýerinde gabat gelýän bu jandarlaryň aýaklary örän güýçli bolup, duşmanlaryndan gaçyp gutulýar. Düýeguşlar ýumurtgasyndan, etinden we perinden peýdalanmak maksady bilen fermalarda ösdürilip ýetişdirilýär.

**GOLIAF GURBAGASY.** Birnäçe ertekidir basnýanyň gahrymany bolan gurbagalar, esasan, suwda we suwa golaý ýerlerde ýaşaýar. Bu jandarlar Orta Afrika ýurtlary bolan Kamerunda we Ekwatorial Gwineýadaky batly akýan derýalaryň kenarlarynda ýaşaýar. Düýbi çägelik bolan bu derýalaryň suwunyň düzüminde köp mukdarda kislorodyň bolmagy gurbagalaryň ýaşamagy üçin zerur şert hasaplanýar. Goliaf gurbagasy 3 metre çenli aralyga böküp bilýär. Olar wagtyny gündizine suwda, gijesine daşarda geçirýär. Olaryň uzynlygy 32 santimetre, agramy 3,25 kilograma ýetýär.

# Näme üçin ýokary gitdigimizçe HOWA SOWAÝAR?

**Dagyň iň belent ýerleriniň temperaturasy Güne ýakyn bolandygy sebäpli, yssy bolaýjak ýaly. Emma bu tersine. Ýagny ýokary gitdigimizçe howa gyzanok-da, gaýtam sowap ugraýar. Eýsem, näme üçin howanyň temperaturasy ýokary gitdigimizçe peselýär?**

**Atmosferadaky temperatura köp faktorlara baglylykda üýtgeýär. Bu faktorlaryň iň möhümi howa basyşydyr. Aslynda, basyş artdygyça temperatura hem ýokarlanýar. Sebäbi ýokary basyşda howa molekulalary gysylýar we has gyzýar. Şeýle-de bolsa, deňiz derejesinden (Ýerden) daşlaşdygyňça basyş azalyp, temperatura peselip başlaýar. Bu ýagdaý howanyň temperaturasynyň ýokary belentliklerde peselmeginiň esasy sebäpleriniň biridir.**

**Atmosferadaky suw buglary hem howanyň sowuk bolmagyna täsir edýän faktorlaryň biridir. Belentlik artdygyça bugarma mukdary hem azalýar. Suw bugy atmosferanyň ýylylygy saklamak ukybyny ýokarlandyrýar, ýöne belli bir belentlikden soň peselip başlaýar. Bugarma hadysasynyň peselmegi bilen Günden gelýän şöhläniň täsiri hem gowşaýar. Ýagny Gün şöhlesiniň ýeri gyzdyrýandygyna garamazdan, ýokarda howa sowuk bolýar.**

**Atmosferada howanyň sowamagynyň ýene bir sebäbi basyşyň giňelmegi we peselmegi bilen baglanyşyklydyr. Gyzgyn howa ýokary galdygyça giňelýär. Giňelýän howa bolsa ýylylygy ýitirip, sowap başlaýar. Şeýlelikde, beýiklik artdygyça howa sowaýar. Mundan başga-da, atmosferanyň gyzmagy, suw buglarynyň düzümi we howanyň giňelmegi ýaly ýagdaýlar atmosferada howanyň sowamagyna täsir edýän beýleki faktorlar hasaplanýar.**



### Labirint



### 8 tapawudy tapyň!



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Näçe sany?



### Şekilli sudoku

**Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.**



### Gyzykly pursat



## Ussat aktýor 6 ýyldan soň «Hollywood»-a dolanýar

Ussat aktýor Jonni Depp galmagally geçen 6-7 ýyldan soň täzeden «Hollywood»-a dolanmagyň bosagasynda bolup, ol belli režissýor Mark Webbiň täze filminde surata düşer. Mark Webb «Tomsuň 500 güni» ((500) Days of Summer), «Haýran galdyryjy Möý adam 1-2» (The Amazing Spider-Man) filmleri bilen adygandyr. 61 ýaşyndaky aktýor «Day Drinker» atly bu filmde baş keşbi ispaniýaly aktrisa Penelope Kruz bilen bilelikde paýlaşar. Bu olaryň bilelikdäki 4-nji kinosy bolup, olar mundan öň «Ak närse» (Blow, 2001), «Karib deňziniň garakçylary: ýabany kenarlarda» (Pirates of the Caribbean: On Stranger Tides, 2011) hem-de «Orient ekspressinde jenaýat» (Murder on the Orient Express, 2017) filmlerinde bile işleşipdi. «Lionsgate» studiýasynyň önümi boljak filmiň ssenarisini «Ertirki söweş», «Forsaž 10» ýaly filmleriň edebi esasynyň awtory



Zek Din ýazar. Bu täze filmiň 2018-nji ýyldan bäri «Hollywood»-yň kinolarynda surata düşmän gelýän Jonni Depp üçin uly gaýdyp geliş ekran eseriniň bolmagyna garaşylýar. Ýylyň iri taslamalarynyň biri bolmagyna garaşylýan filmiň haçan ekranlara goýberiljekdigi häzirlikçe belli däl.

## Meşhur wideo oýnuň serialy surata düşüriler

Bütin dünýäde uly gowur turzan «Tagt oýunlary» serialyndaky Sansa Starkyň keşbi bilen uly meşhurlyk gazanan Sofi Törneriň nobatdaky taslamasy belli boldy. 28 ýaşyndaky aktrisa meşhur wideo oýny «Tomb Raider» esasynda ekranlaşdyryljak serialda baş keşbi – Lara Kroftuň keşbini ýerine ýetirer. Onuň öňümizdäki günlerde şertnama baglaşjakdygy habar berlip, ol bu keşp üçin Lusi Boýnton, Emma Korin hem-de Makkenzi Dewis ýaly aktrisalardan öňe saýlandy. Serial taýýar bolanyndan soň «Amazon Prime Video»-da görkeziler. Wideo oýun dünýäsine 1996-njy ýylda ädim äden «Tomb Raider» seriýasy harabalyklardaky, taryhy ýadygärliklerdäki syrlary ýüze çykarmak üçin göreşýän arheolog Lara Kroftuň başdan geçiren wakalaryny özünde jemleýär. Mundan öň «Tomb Raider» esasynda 3 film surata düşürilip, 2001-nji we 2003-nji ýyllarda ekranlaşdyrylan 1-2-nji filmde baş keşbi oskarly aktrisa Anjelina Joli janlandyrypdy. 2018-nji ýylda kinomuşdaklara ýetirilen 3-nji filmde Lara Kroftuň keşbinde başga bir oskarly aktrisa Alisia Wikander surata düşüpdi.




## Ýaş režissýor täze filminde ýyldyzlary jemleýär

Meşhur režissýor Kosta-Gawrasyň ogly Roman Gawrasyň täze filminde birnäçe ýyldyzlar surata düşer. 43 ýaşyndaky režissýoryň «Sacrifice» atly täze filminiň kastingine belli aýdymçy Charli XCX, ussat aktýor Jon Malkowiç, fransuzlaryň tanymal aktýory Wensan Kassel, şol sanda şwesiýaly rep aýdymçy Ýung Lean dagy hem goşuldy. Filmde Anýa Teýlor-Joý, Kris Ewans, Salma Haýek, Säm Riçardson, Ambika Mod hem-de oskarly aktýor Brendan Freýzer ýaly belli artistleriň surata düşjekdigi ozaldan bellidi. Filmiň surata düşüriliş işleri noýabr aýynyň ilkinji günlerinde başlap, ol häzirki wagtda Gresiýada hem-de Bolgariýada dowam edýär. Indiki aýlarda Islandiýada-da surata düşüriljek filmiň ssenarisini režissýoryň özi Will Arbi bilen bilelikde ýazar. Roman Gawrasyň 2022-nji ýyldaky «Afiny» (Athens) filmi Wenesiýa kino



festiwalynda «Altyn ýolbars» baýragyna dalaşgär görkezilipdi. Režissýoryň iňlis dilindäki ilkinji filmi boljak bu ekran eseri fransuzlaryň gahrymany Žan d'Arkyň hekaýasyndan ugur alýar.

## Oskar dabarasyny Konan O'Braýan alyp barar

Kino sungatynyň iň uly baýragy hasaplanýan 97-nji Oskar baýraklarynyň alypbaryjysy mälim edildi. Geljek ýylyň 2-nji martynda Los Anjelesdäki «Dolby» teatrynda geçiriljek dabarany meşhur komediýaçy Konan O'Braýan alyp barar. 61 ýaşyndaky Konan O'Braýan karýerasy boýunça ilkinji gezek Oskaryň alypbaryjysy bolar. Meşhur komediýaçy 1980-nji we 1990-njy ýyllarda «The Simpson» animasiýasynda hem-de «Saturday Night Live» gepleşiginde ssenari ýazyp, soňra 2021-nji ýyla çenli «The Tonight Show with Conan O'Brien» hem-de «Conan» tolkşow gepleşiklerini alyp bardy. 30 ýyldan gowrak karýerasy boýunça 31 gezek Emmy baýragyna dalaşgär görkezilen O'Braýan şolaryň 5-sinde heýkeljigi gazandy. Ol häzirki wagtda «Conan O'Brien Must Go» atly syýahatçylyk gepleşigini alyp barýar.



## Nolan nobatdaky filmine ýyldyz artistleri çagyrdy

Şu ýylyň başynda «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) filmi bilen Oskar baýragyny gazanan ussat režissýor Kristofer Nolanyň täze filminiň kastingi tamamlanyp barýar. Ady belli edilmedik film «Universal Pictures» studiýasy tarapyndan paýlanar we 2026-njy ýylyň 17-nji iýulynda ekranlara çykarylar. Filmiň artistleriniň hataryna oskarly aktrisa Lupita Nýong'o hem goşuldy. Nýong'odan öň filmde Mett Demon, Tom Holland, Zendeýa hem-de oskarly aktrisa Enn Heteweý dagynyň dürli keşpleri janlandyrjakdygy habar berlipdi. Geljek ýylyň birinji ýarymynda surata düşürilip başlanjak filmiň IMAX formatda bolmagyna garaşylýar. Filmiň ssenarisini režissýoryň özi ýazar. Şol bir wagtda ol ýanýoldaşy Emma Tomas bilen bilelikde filme prodýuserlik hem eder.



## «Buz eýýamy 6»-nyň görkeziljek wagty belli boldy



Ilkinjisi 2002-nji ýylda peýda bolan «Buz eýýamy» (Ice Age) animasiýalar toplumynyň 6-njy ekran eseriniň görkeziljek wagty mälim edildi. «Disney» studiýasynyň garamagyndaky animasiýanyň 6-njy bölümi 2026-njy ýylyň 18-nji dekabrynda ekranlara çykarylar. Animasiýanyň täze bölüminde-de Reý Romano, Jon Leguizamo, Denis Leari, Kuin Latifa ýaly artistleriň ozalky gahrymanlara ses berjekdigi habar berildi.

Ilkinji 5 bölüm öndüriji «Fox»-yň garamagyndaky «Blue Sky Studios» studiýasyna 3,2 milliard dollarlyk girdeji gazandyrypdy. 2019-njy ýylda «Fox»-y satyn alan «Disney» 2021-nji ýylda «Blue Sky Studios»-y ýapypdy.

## Täze film

**Ady:** «Gladiator 2» (Gladiator II); **Režissýory:** Ridli Skott; **Keşplerde:** Pol Meskal, Pedro Paskal, Ýosef Kuinn, Fred Heçinger, Lior Raz, Derek Jeýkobi, Konni Nilsen, Denzel Waşington; **Ssenariçi:** Dewid Skarpa; **Prodýuseri:** Ridli Skott, Maýkl Pruss, Duglas Wik, Lusi Fişer, Wolter F. Parkes, Lauri MakDonald, Dewid Franzoni; **Kompozitory:** Harri Gregson-Williams; **Öndüriji:** «Scott Free Productions», «Lucy Fisher/Douglas Wick Productions»; **Paýlaýjy:** «Paramount Pictures»; **Dowamlylygy:** 148 minut; **Görnüşi:** taryhy, epiki, uruşly; **Ýurdy:** ABŞ, Birleşen Patyşalyk; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 210 million $.

Mundan 24 ýyl ozal meşhur režissýor, taryhy filmleri bilen adygan Ridli Skott «Gladiator» atly epiki-drama filmini surata düşüripdi. Hemmäniň söýgüsini gazanan şol filmiň dowamy hökmünde görülýän «Gladiator 2» filmine-de Skottuň özi režissýorlyk edýär. 210 million dollarlyk ýylyň iri taslamalarynyň biri bolan bu film Marokkoda, Maltada, Angliýada hem-de Italiýanyň paýtagty Rimde surata düşürildi. 148 minutlap dowam edýän filmiň ssenarisini Dewid Skarpa ýazdy. Ol režissýor bilen «Napoleon» hem-de «Dünýädäki ähli pullar» filminde-de bile işleşipdi. Bilermenlerden ýokary baha alan «Gladiator 2» filminde baş keşpleri Pol Meskal bilen Pedro Paskal janlandyryp, şol sanda Ýosef Kuinn, Fred Heçinger, ussat aktýor Denzel Waşington dagy surata düşdi. 1-nji filmde-de surata düşen Konni Nilsen bilen Derek Jeýkobi ýene-de ozalky keşplerini janlandyrdylar. Film häzirki wagtda Birleşen Patyşalygyň çäginde görkezilýär we eýýämden 87 million dollardan gowrak kassa ýygymyny toplady. Şu günden başlap ABŞ-da we beýleki ýurtlaryň kinoteatrlarynda orun aljak ekran eseriniň milliard dollarlyk girdeji gazanan filmleriň hataryna goşulmagyna garaşylýar.




Ýeri gelende bellesek, 2000-nji ýyldaky «Gladiator» filmi üçin 103 million dollar çykdajy edilip, ol prokatdan 465,4 million dollarlyk girdeji toplapdy. Film 12 ugurdan Oskara hödürlenip, şolaryň 5-sinde ýeňiji bolupdy. Iň gowy film saýlanan ekran eseriniň baş keşbini janlandyran Rassel Krow iň gowy aktýor ugry boýunça Oskar gazanypdy.

Filmdäki wakalar Maksimusyň ölmeginden 16 ýyl soňky hadysalary özünde jemleýär. Lusillanyň ogly Lusius Hanno Werus (1-nji filmdäki çagajyk) täze filmiň baş gahrymany bolup, ol ençeme ýyldan soň Rime dolanýar. Ol hem edil Maksimus ýaly Kolizeýde uruşmaga mejbur edilýär. Bu gezek garşydaşlar has ýowuz bolup, ol baş alyp çykmak üçin elinden gelenini etmeli bolýar.








## 58-nji KROSSWORD

**KESELIGINE:** **1.** «Kyrk günlük ömri bar, dört uka emri bar» (matal). **5.** Albaniýanyň pul birligi. **7.** «Reň açar hoş saýaly,/Seniň ysyň hoşdan, ...» (Mätäji). **10.** Mähelle, jemagat. **12.** Nota. **13.** Köwsarlap, burum-burum bolup aýlanyp, dik ýokaryk galýan tozanly ýel. **14.** «Dil – gybatda, gulak – ...» (Paýhas çeşmesi). **15.** Ir ertir, daňdan. **17.** Ýelek. **18.** Totynyň bir görnüşi. **20.** Ýeriň üstki şekiliniň çyzgysy. **22.** «Çörek» sözüniň iňlisçesi. **24.** Döşi, arkany, iki böwri sowuk ýarag urgusyndan goraýan polat örtgi. **27.** Iri şahly gara mal. **28.** Bir zadyň ikinji bir zatdan aýratynlygy, parhy. **29.** Bägüle meňzeş gül. **31.** Türkmen sährasy. **34.** Parahat. **35.** Gymmatbaha daş. **37.** Amerikaly professional basketbolçy ... Lawin. **39.** Aýlaryň biri. **42.** Gyş egin-eşiginiň biri. **45.** Akgara ýüplükden işilen bag. **47.** Çagalaryň söýgüli iýmiti. **49.** «... rysgaly alnynda» (nakyl). **50.** Panamanyň domen belligi. **51.** Ýiti ysly gül. **52.** Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy. **53.** Tilki çagasyna çalymdaş kiçijik çöl jandary.

**DIKLIGINE:** **2.** Önümçiligiň belli bir ugrundan hünärmen. **3.** Däneliler maşgalasyna degişli içi boş, bogun-bogun baldakly, ýapragy insiz uzyn sümmülli ösümlik. **4.** Deňiz jandary. **6.** «... özün egsik saýmaz bedewden/Gymmat etseň, at ýanynda bellidir» (Magtymguly Pyragy). **7.** Ykdysady taýdan gurply, barly. **8.** Gyz ady. **9.** Daşary ýurt adam ady. **11.** Közüň howruna bişirilýän kebabyň bir görnüşi. **12.** Matanyň bir görnüşi. **14.** Wakanyň aralygyny, çägi görkezýän ownuk bölek. **16.** Nota. **17.** Salgyt, hyraç. **19.** Kaka (köne söz). **20.** Ilkinji zenan bagşy. **21.** Ýagyşdan, Günden goranmak üçin enjam. **23.** Ýurdumyzda bir welaýat. **25.** Ýurdumyzda syýahatçylyk zolagy. **26.** Deňiz döwleti. **30.** Gün ulgamynyň iň uly planetasy. **31.** Ördekler maşgalasyndan uzyn boýunly ýabany ýa-da eldeki uly guş. **32.** Belli bir wagt aralygy, salym. **33.** Jogapkärli wezipäniň başynda duran adam (köne söz). **36.** Baglaýjy kömekçi. **38.** Himiki element. **40.** «Ýada düşer, dolanmazmy ... döwranly çaglar,/Köňül arzuw eýlär, Watanym, seni» (Zelili). **41.** Soltan. **43.** Wulkan läbigi. **44.** Amerikan awtoulag kompaniýasy. **46.** Aýralyk. **47.** ...-şöhrat. **48.** « Är baksa ... eýmener» (Paýhas çeşmesi).

**Şasüleýman GURBANSÄHEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

**56-njy krosswordyň jogaby:**



**57-nji krosswordyň jogaby:**



# ÝAPONIÝANYŇ ÝYGYNDYSYNA 1 ÝEŇIŞ ÝETERLIK

**Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklarynyň çäginde Aziýa zolagynda 3-nji tapgyryň toparçalardaky 5-6-njy duşuşyklary geçirildi.**

**«A» toparçadaky** duşuşyklar köp golly bolup, 3 duşuşyk 3–2 hasabynda tamamlandy. Laos döwletinde oýnalan duşuşykda Demirgazyk Koreýanyň ýygyndysy Eýranyň ýygyndysyndan 3–2 hasabynda asgyn geldi. 1-nji ýarymda Eýranyň ýygyndysy Gaýediniň 29-njy, Mohebiniň 41-nji we 45-nji minutlardaky gollary bilen 3–0 hasabynda



öňe saýlandy. 2-nji ýarymda başgaça oýun görkezen Demirgazyk Koreýanyň ýygyndysy gysga wagtda 2 gol geçirdi. 56-njy minutdaky Mehdi Tareminiň awtogoly hem-de 59-njy minutdaky Kim Ýu Sonuň gollary bilen hasap 3–2 boldy. Ýöne galan minutlarda Eýranyň ýygyndysy üstünligini saklamagy başardy. Eýranyň ýygyndysynyň 2-nji duşuşygy hem şoňa meňzeş ýagdaýda geçdi. Myhmançylykda Gyrgyzystan bilen duşuşan Eýran 1-nji ýarymda Taremi (12) we Hardaniniň (33) gollary esasynda 2–0 hasabynda öňe saýlandy. 2-nji ýarymyň ilkinji 20 minutynda ýer eýeleri Joel Kojonyň gollary (51, 64 p) bilen hasaby deňledi. Ýöne 76-njy minutda tapawutlanan Serdar Azmun toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy.

Öz meýdançasynda Özbegistany kabul eden Katar 1-nji ýarymda Almoez Aliniň 25-nji hem-de 41-nji minutdaky gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne 2-nji ýarymyň soňky 15 minutynda, has takygy, 75-nji we 80-nji minutlarda Özbegistanyň «SSKA Moskwada» çykyş edýän hüjümçisi Abbosbek Faýzullaýew 2 gol geçirip, hasaby deňlese-de, 90+12-nji minutda Lukas Mendesiň goly katarlylara ýatdan çykmajak ýeňiş getirdi. Özbegistanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygyny Laosda Demirgazyk Koreýanyň ýygyndysy bilen geçirip, 1–0 hasabynda ýeňiş bilen dolandy. Ýeke-täk goly 44-nji minutda ýene-de Faýzullaýew öz adyna ýazdyrdy. Kataryň ýygyndysy 2-nji duşuşygyny BAE bilen geçirdi. 1-nji oýunda Gyrgyzystanyň ýygyndysyny Abdalla (15, 89) hem-de Meloniniň (35) gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňen emirlikler Kataryň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Gollaryň 4-sini 2-si penaltiden Fabio Lima geçirdi (4, 45 p, 45+5, 56 p).



**«B» toparçada** oýnalan 6 duşuşygyň deň ýarysy deňlikde tamamlandy. Kuweýti 3–1 hasabynda ýeňen Günorta Koreýanyň ýygyndysy Iordaniýada oýnalan duşuşykda Palestina bilen deňme-deň oýnady (1–1). 14 utuk bilen 1-nji orunda barýan koreýleriň 1-nji oýundaky gollaryny O Se Hun, Hyn Min Son hem-de Bae Žun Ho geçirdi. 2-nji duşuşykda-da 12-nji minutda hasaby açan Kunbaryň goluna 16-njy minutda Hyn Min Son jogap berdi. Iordaniýanyň ýygyndysy Yrak bilen golsuz, Kuweýt bilenem 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Yragyň ýygyndysy myhmançylykda Omany Faek Amynyň goly bilen 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



**«C» toparçada** Ýaponiýanyň şemaly belentden öwüsýär. Myhmançylykda oýnan 2 duşuşygynda-da ýeňiş gazanan Ýaponiýanyň ýygyndysy ilki Indoneziýadan 4–0, soňra Hytaýdan 3–1 hasabynda üstün çykdy. Ýaponlaryň gollaryny 1-nji duşuşykda Hübner (35, ö.d.), Minamino (40), Morita (49), Sugawara (69), 2-nji duşuşykda bolsa Ogawa (39, 54) bilen Itakura (45+6) geçirdi. Bu ýeňişlerden soň Ýaponiýanyň ýygyndysynyň saýlama oýunlaryndan Dünýä Kubogy 2026-a gatnaşjak ilkinji ýygyndy bolmagy mümkin. Olar mart aýyndaky 1-nji duşuşygynda ýeňiş gazanyp, Awstraliýa utuk ýitirse, Dünýä Kubogyna gitjek ilkinji topar bolar. Awstraliýa bu tapgyrda 2 duşuşygyny-da deňme-deň oýnady. Saud Arabystany bilen 0–0, Bahreýn bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnan Awstraliýanyň 6 duşuşykdan soň 7 utugy bar. Roberto Mançinini wezipeden boşadan Saud Arabystany 2-nji duşuşygynda Indoneziýadan Marselinonyň gollary esasynda 2–0 hasabynda utuldy.



| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | EÝRAN | 6 | 5 | 1 | 0 | 12-5 | 16 |
| 2 | ÖZBEGISTAN | 6 | 4 | 1 | 1 | 8-5 | 13 |
| 3 | BAE | 6 | 3 | 1 | 2 | 12-4 | 10 |
| 4 | KATAR | 6 | 2 | 1 | 3 | 10-17 | 7 |
| 5 | GYRGYZYSTAN | 6 | 1 | 0 | 5 | 6-13 | 3 |
| 6 | D. KOREÝA | 6 | 0 | 2 | 4 | 5-9 | 2 |

Demirgazyk Koreýa–Eýran: 2–3, Katar–Özbegistan: 3–2, BAE–Gyrgyzystan: 3–0; Demirgazyk Koreýa–Özbegistan: 0–1, Gyrgyzystan–Eýran: 2–3, BAE–Katar: 5–0

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | G. KOREÝA | 6 | 4 | 2 | 0 | 12-5 | 14 |
| 2 | YRAK | 6 | 3 | 2 | 1 | 5-3 | 11 |
| 3 | IORDANIÝA | 6 | 2 | 3 | 1 | 9-5 | 9 |
| 4 | OMAN | 6 | 2 | 0 | 4 | 6-9 | 6 |
| 5 | KUWEÝT | 6 | 0 | 4 | 2 | 5-11 | 4 |
| 6 | PALESTINA | 6 | 0 | 3 | 3 | 4-8 | 3 |

Kuweýt–Günorta Koreýa: 1–3, Oman–Palestina: 1–0, Yrak–Iordaniýa: 0–0; Palestina–Günorta Koreýa: 1–1, Oman–Yrak: 0–1, Kuweýt–Iordaniýa: 1–1

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ÝAPONIÝA | 6 | 5 | 1 | 0 | 22-2 | 16 |
| 2 | AWSTRALIÝA | 6 | 1 | 4 | 1 | 6-5 | 7 |
| 3 | INDONEZIÝA | 6 | 1 | 3 | 2 | 6-9 | 6 |
| 4 | S. ARABYSTANY | 6 | 1 | 3 | 2 | 3-6 | 6 |
| 5 | BAHREÝN | 6 | 1 | 3 | 2 | 5-10 | 6 |
| 6 | HYTAÝ | 6 | 2 | 0 | 4 | 6-16 | 6 |

Awstraliýa–S. Arabystany: 0–0, Bahreýn–Hytaý: 0–1, Indoneziýa–Ýaponiýa: 0–4; Hytaý–Ýaponiýa: 1–3, Indoneziýa–S. Arabystany: 2–0, Bahreýn–Awstraliýa: 2–2



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*22-nji noýabr (anna)*

Monako – Brest (23:00)
Bawariýa – Augsburg (00:30)
PSŽ – Tuluza (01:00)

*23-nji noýabr (şenbe)*

Lester – Çelsi (17:30)
Werona – Inter (19:00)
Baýer – Haýdenhaým (19:30)
Borussiýa D – Fraýburg (19:30)
Hoffenhaým – Leipsig (19:30)
**Arsenal – N. Forest (20:00)**
A. Willa – K. Palas (20:00)
Spartak – Lokomotiw (20:00)
Atletiko – Alawes (20:15)
Lans – Marsel (21:00)
**Milan – Ýuwentus (22:00)**
**Man. Siti – Tottenham (22:30)**
Parma – Atalanta (00:45)
Selta – Barselona (01:00)

*24-nji noýabr (ýekşenbe)*

Osasuna – Wilýarreal (18:00)
Southempton – Liwerpul (19:00)
Ipswiç – M. Ýunaýted (21:30)
Leganes – Real Madrid (22:30)
**Napoli – Roma (22:00)**
Lasio – Bolonýa (00:45)

*25-nji noýabr (duşenbe)*

Nýukasl – West Ham (01:00)

# MOTO GP-de TÄZE ÇEMPION

Moto GP boýunça möwsümiň iň soňky ýaryşynda çempion belli boldy. Tebigy betbagtçylyk sebäpli Walensiýada däl-de, Barselonada geçirilen möwsümiň 20-nji ýaryşynda soňky 2 ýylyň çempiony «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Frančesko Banaia pellehanadan birinji bolup geçdi. Ol 24 aýlawy 40 minut 24,740 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 11-nji, karýerasyndaky 29-njy ýeňşini gazandy. Ýöne oňa bu ýeňiş çempionlyk üçin ýeterlik bolmady. Ýaryşda ispaniýaly Mark Markesden soň 3-nji orny eýelän Horge Martin Moto GP-de 76-njy möwsümiň çempiony boldy. «Prima Pramac» toparynyň 26 ýaşyndaky ispan sürüjisi karýerasy boýunça ilkinji gezek Moto GP-de çempionlyk gazandy. Ol şu möwsümde bary-ýogy 3, karýerasynda-da 8 ýaryşda ýeňiji boldy. 508 utuk toplan Horge Martin şu möwsümde 10 ýaryşda 2-nji orny eýeledi. Frančesko Banaiadan 10 utuk öňe saýlanan Horge Martin diňe 1 ýaryşy tamamlap bilmedi. Banaia bolsa 3 ýaryşda pellehana ýetmek başartmandy. Horge Martin Moto GP-de çempionlyk gazanan 31-nji, şol sanda 5-nji ispaniýaly sürüjidir. Umumylykda bu ispan sürüjileriniň 12-nji çempionlygy bolup, olar Italiýadyr (22 çempionlyk) Birleşen Patyşalykdan (17) hem-de ABŞ-dan (15) soň 4-nji orunda barýar.



Geçen 2 möwsümiň çempiony Banaia 498 utuk toplap, bu gezek 2-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy. Dünýäniň 6 gezek çempiony ispaniýaly Mark Markes («Gresini Racing») 392 utuk bilen 3-nji, wise-çempionyň watandaşy hem topardaşy, 386 utukly Enea Bastianini 4-nji, «Red Bull KTM» toparynyň Günorta afrikaly piloty Bred Baýnder 5-nji orny eýeledi (217 utuk).



Konstruktorlaryň arasynda «Ducati» 722 utuk bilen 1-nji orny eýelese, KTM 2-nji, «Aprilia» 3-nji ýere mynasyp boldy. Toparlaryň arasynda-da italýanlaryň 5 topary öňdäki orunlary eýelediler. Konstruktorlary «Ducati» bolan «Ducati Lenovo», «Prima Pramac» hem-de «Gresini Racing» toparlary möwsümi ilkinji üçlükde tamamladylar.

Moto GP-de iň köp çempionlyk gazanan sürüjileriň ilkinji 2-si italiýaly Jakomo Agostini bilen Walentino Rossi bolup, olar degişlilikde 8 we 7 gezek çempion bolmagy başardy. Mark Markesiň 6 çempionlygy bolup, ol sanawda 3-nji orunda barýar. Awstraliýaly Mik Duhanyň 5, şeýle-de, Birleşen Patyşalygyň sürüjileri – Maýk Hailwudyň, Jon Surtisiň, Jeoff Dýukuň hem-de amerikaly Eddi Lawsonyň 4 çempionlygy bar. Ispaniýadan Horge Lorenzo, amerikaly sürüjiler Kenni Roberts bilen Weýn Raini dagy bolsa 3 gezek çempion bolmagy başardy. Moto GP ýaryşy Halkara Motosikl federasiýasynyň (FIM) guramaçylygynda 1949-njy ýyldan bäri geçirilip gelinýär.

# UEFA Milletler Ligasynda toparçadaky duşuşyklar tamamlandy

**UEFA-nyň milli toparlarynyň arasyndaky täze ýaryşy UEFA Milletler Ligasynyň 4-nji möwsüminiň toparçalardaky duşuşyklary tamamlandy. Çärýek finala çykyp, kubogy eýelemek üçin göreşjek 8 topar, şol sanda öz ligasynda galmak ýa-da ýokary liga çykmak üçin pleý-off duşuşygyny geçirjekler, galyberse-de, aşaky ligalara düşenler belli boldy. Şu gün çärýek finalyň hem-de pleý-off duşuşyklarynyň bijeleri çekiler. Çärýek finalyň we pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary geljek ýylyň mart aýynyň soňky 10 gününde geçiriler.**

### RONALDONYŇ TÄZE REKORDY

**«A» Ligada** çärýek finala çykan toparlaryň 8-si hem belli bolup, Portugaliýadyr Fransiýanyň, Germaniýanyň hem-de Ispaniýanyň ýygyndylary toparçalarynda 1-nji orny eýelediler. Olar şu gün geçiriljek dabarada Horwatiýanyň, Italiýanyň, Niderlandlaryň hem-de Daniýanyň ýygyndylary bilen bije çekişer. 1-nji toparçada Portugaliýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Polşanyň ýygyndysyny Rafael Leao (59), Kristiano Ronaldo (72 p, 87), Bruno Fernandeş (80) hem-de Netonyň (83) gollary bilen 5–1 hasabynda utdy. Duşuşykda 2 gol geçirip, 1 asist eden Kristiano Ronaldonyň karýerasyndaky gollarynyň sany 910-a ýetdi. Şeýle-de, Ronaldo milli ýygyndyda 132-nji gezek ýeňiş gazanyp, bu ugurda ispaniýaly Serhio Ramosa degişli bolan rekordy täzeledi (131 ýeňiş). Milli ýygyndyda iň köp duşuşyk geçiren we iň köp gol salan futbolçy rekordlarynyň eýesi bolan Ronaldo, iň köp ýeňiş gazanan futbolçy rekordyny hem öz adyna ýazdyrdy. Şeýle-de, ol 200-nji penaltisinde 169-njy goluny geçirdi. Portugaliýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Horwatiýa bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady.



### ITALIÝA BIRINJILIGI FRANSIÝA ALDYRDY

2-nji toparçada Italiýanyň ýygyndysy myhmançylykda Belgiýany Tonaliniň ýeke-täk goly bilen ýeňip, öz meýdançasynda Fransiýadan 3–1 hasabynda utuldy. Fransiýa bu duşuşykdan öň Ysraýyl bilen Parižde golsuz deňme-deň oýnapdy. 1-nji oýnuň rewanşyny alan fransuzlaryň gollarynyň 2-sini Adrian Rabio, beýlekisini-de derwezeçi Wikarionyň özi ýalňyşlyk bilen geçirdi. Netijede, Fransiýa bilen Italiýanyň utuklary, özara duşuşyklary deň bolup, gol aratapawudynda öňe saýlanan fransuzlar 1-nji orny eýeledi.



3-nji toparçada Germaniýanyň ýygyndysy Fraýburda Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysyny 7–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda Klýaýndienst bilen Wirts 2, Musiala, Hawerts hem-de Sane 1 gezek tapawutlandy. Niderlandlar hem öz meýdançasynda Wengriýanyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdiler. Toparçadaky jemleýji oýunlaryň 2-si hem — Bosniýa bilen Niderlandlaryň, Wengriýa bilenem Germaniýanyň arasyndaky duşuşyklar 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy.

4-nji toparçada Ispaniýanyň ýygyndysynyň ozal 1-nji orny eýelejekdigi belli bolupdy. Ilki Daniýany myhmançylykda 2–1, soňra öz meýdançasynda Şweýsariýany 3–2 hasabynda ýeňen ispanlar 16 oýundan bäri ýeňilmän gelýär hem-de soňky 15 duşuşygyň 14-sinde ýeňiş gazanmagy başardy.



**«B» Ligada** Çehiýadyr Angliýanyň, Norwegiýanyň hem-de Uelsiň ýygyndylary öz toparçalarynda 1-nji orny eýeläp, «A» Liga çykmagy başardylar. Ukrainanyň, Gresiýanyň, Sloweniýanyň hem-de Türkiýäniň ýygyndylary «A» Liganyň toparçalarynda 3-nji orny eýelänler bilen pleý-off duşuşygyny geçirerler.

1-nji toparçadaky 5-nji duşuşyklarda ýeňiş gazanan bolmady. Gruziýa bilen Ukraina 1–1, Albaniýa bilenem Çehiýa 0–0 hasabynda deňme-deň oýnadylar. 6-njy duşuşykda çehler gruzinleri 2–1 hasabynda ýeňip, toparçada 1-nji orny eýeledi we «A» Liga çykmagy başardy. Zinçenko we Ýaremçugyň gollary bilen Albaniýany myhmançylykda 2–1 hasabynda ýeňen Ukraina «A» Liga çykmak üçin pleý-off duşuşygyny geçirer.

2-nji toparçada Gresiýany myhmançylykda 3–0 (Wotkins 7, Wlakodimos 78 ö.d., Jons 83) hasabynda ýeňen Angliýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda-da Irlandiýanyň derwezesinden jogapsyz 5 pökgi girizdi. Keýniň bassyr 23-nji penaltisini dürs urup, hasaby açan oýnunda beýleki gollary Gordon, Gallaher, Bowen hem-de Harwud-Bellis geçirdi. Soňky 4 goly geçiren oýunçylaryň ählisi hem milli topardaky ilkinji goluny öz atlaryna ýazdyrdylar. Angliýa ikiçäk oýunda öňe saýlanyp, Gresiýa bilen utugy deň hem bolsa 1-nji orny eýeledi.

3-nji toparçada Norwegiýanyň ýygyndysy ilki myhmançylykda Sloweniýany 4–1, soňra öz meýdançasynda Gazagystany 5–0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji oýunda Nusa 2, Holann bilen Hauge 1 gezek tapawutlandy. 2-nji duşuşykda bolsa Erling Hollan het-trik etdi. Beýleki gollaryda Sörlot bilen Nusa geçirdi. Milli topardaky gollarynyň sany 39 oýunda 38-e ýeten Holann karýerasy boýunça 25-nji gezek het-trik etmegi başardy (6-sy 2024-nji ýylda). Stanislaw Çerçesowyň tälimçiligindäki Gazagystanyň ýygyndysy ýeke gol hem geçirip bilmän toparçadaky oýunlary tamamlady we olar «C» Liga düşdi.

4-nji toparçada soňky oýunlara çenli Türkiýäniň ýygyndysy 1-nji orunda barýardy. Türkiýäniň ýygyndysy 5-nji duşuşygynda öz meýdançasynda Uels bilen golsuz deňme-deň oýnady. Oýnuň ahyrlarynda Kerem Aktürkoglu penaltiden ýerlikli peýdalanyp bilmedi. 6-njy duşuşyklarda Türkiýe myhmançylykda Garadagdan 3–1 hasabynda ýeňildi. Şol oýna çenli 1 goly we 1 utugy bolan Garadagyň gollarynyň 3-sini hem Nikola Krstowiç geçirdi. Uelsiň ýygyndysy bolsa Islandiýany Kulleniň (2), Jonsonyň hem-de Wilsonyň gollary bilen 4–1 hasabynda ýeňdi we toparçada 1-nji orny eýeläp, «A» Ligada çykyş etmäge hukuk gazandy.

**«C» Liganyň** 1-nji toparçasynda Şwesiýanyň ýygyndysy ilki Slowakiýany 2–1, soňra Azerbaýjany 6–0 hasaplar bilen ýeňdi. 1-nji duşuşykda Dýukereş bilen Isak tapawutlandy. 2-nji duşuşykda bolsa Wiktor Dýukereş 4 goly derwezä girizdi. Ol 26-njy, 37-nji, 58-nji we 70-nji minutlarda tapawutlanyp, gollarynyň sanyny 9-a ýetirdi. Isakyň penalti salyp bilmedik oýnunda beýleki 2 goly-da 10-njy we 57-nji minutlarda Kuluşewski geçirdi. Netijede, Şwesiýanyň ýygyndysy 16 utuk toplap, toparçada 1-nji orny eýeledi we «B» Liga çykmaga hukuk gazandy.



Şeýle-de, Rumyniýa (2-nji toparça) bilen Demirgazyk Irlandiýanyň (3-nji toparça) hem-de Demirgazyk Makedoniýanyň (4-nji toparça) ýygyndylary-da «B» Liga çykan beýleki toparlar boldy.

### «A» LIGA

| Or. | «A1» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PORTUGALIÝA | 6 | 4 | 2 | 0 | 12-4 | 14 |
| 2 | HORWATIÝA | 6 | 2 | 2 | 2 | 8-8 | 8 |
| 3 | ŞOTLANDIÝA | 6 | 2 | 1 | 3 | 7-8 | 7 |
| 4 | POLŞA | 6 | 1 | 1 | 4 | 9-16 | 4 |

Portugaliýa–Polşa: 5–1, Şotlandiýa–Horwatiýa: 1–0; Horwatiýa–Portugaliýa: 1–1, Polşa–Şotlandiýa: 1–2

| Or. | «A2» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | FRANSIÝA | 6 | 4 | 1 | 1 | 12-6 | 13 |
| 2 | ITALIÝA | 6 | 4 | 1 | 1 | 13-8 | 13 |
| 3 | BELGIÝA | 6 | 1 | 1 | 4 | 6-9 | 4 |
| 4 | YSRAÝYL | 6 | 1 | 1 | 4 | 5-13 | 4 |

Belgiýa–Italiýa: 0–1, Fransiýa–Ysraýyl: 0–0; Ysraýyl–Belgiýa: 1–0, Italiýa–Fransiýa: 1–3

| Or. | «A3» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | GERMANIÝA | 6 | 4 | 2 | 0 | 18-4 | 14 |
| 2 | NIDERLANDLAR | 6 | 2 | 3 | 1 | 13-6 | 9 |
| 3 | WENGRIÝA | 6 | 1 | 3 | 2 | 4-11 | 6 |
| 4 | BOSNIÝA | 6 | 0 | 2 | 4 | 4-17 | 2 |

Germaniýa–Bosniýa: 7–0, Niderlandlar–Wengriýa: 4–0; Bosniýa–Niderlandlar: 1–1, Wengriýa–Germaniýa: 1–1

| Or. | «A4» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ISPANIÝA | 6 | 5 | 1 | 0 | 13-4 | 16 |
| 2 | DANIÝA | 6 | 2 | 2 | 2 | 7-5 | 8 |
| 3 | SERBIÝA | 6 | 1 | 3 | 2 | 3-6 | 6 |
| 4 | ŞWEÝSARIÝA | 6 | 0 | 2 | 4 | 6-14 | 2 |

Daniýa–Ispaniýa: 1–2, Şweýsariýa–Serbiýa: 1–1; Serbiýa–Daniýa: 0–0, Ispaniýa–Şweýsariýa: 3–2

### «B» LIGA

| Or. | «B1» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ÇEHIÝA | 6 | 3 | 2 | 1 | 9-8 | 11 |
| 2 | UKRAINA | 6 | 2 | 2 | 2 | 8-8 | 8 |
| 3 | GRUZIÝA | 6 | 2 | 1 | 3 | 7-6 | 7 |
| 4 | ALBANIÝA | 6 | 2 | 1 | 3 | 4-6 | 7 |

Gruziýa–Ukraina: 1–1, Albaniýa–Çehiýa: 0–0; Albaniýa–Ukraina: 1–2, Çehiýa–Gruziýa: 2–1

| Or. | «B2» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ANGLIÝA | 6 | 5 | 0 | 1 | 16-3 | 15 |
| 2 | GRESIÝA | 6 | 5 | 0 | 1 | 11-4 | 15 |
| 3 | IRLANDIÝA | 6 | 2 | 0 | 4 | 3-12 | 6 |
| 4 | FINLÝANDIÝA | 6 | 0 | 0 | 6 | 2-13 | 0 |

Gresiýa–Angliýa: 0–3, Irlandiýa–Finlýandiýa: 1–0; Angliýa–Irlandiýa: 5–0, Finlýandiýa–Gresiýa: 0–2

| Or. | «B3» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NORWEGIÝA | 6 | 4 | 1 | 1 | 15-7 | 13 |
| 2 | AWSTRIÝA | 6 | 3 | 2 | 1 | 14-5 | 11 |
| 3 | SLOWENIÝA | 6 | 2 | 2 | 2 | 7-9 | 8 |
| 4 | GAZAGYSTAN | 6 | 0 | 1 | 5 | 0-15 | 1 |

Gazagystan–Awstriýa: 0–2, Sloweniýa–Norwegiýa: 1–4; Awstriýa–Sloweniýa: 1–1, Norwegiýa–Gazagystan: 5–0

| Or. | «B4» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | UELS | 6 | 3 | 3 | 0 | 9-4 | 12 |
| 2 | TÜRKIÝE | 6 | 3 | 2 | 1 | 9-6 | 11 |
| 3 | ISLANDIÝA | 6 | 2 | 1 | 3 | 10-13 | 7 |
| 4 | GARADAG | 6 | 1 | 0 | 5 | 4-9 | 3 |

Garadag–Islandiýa: 0–2, Türkiýe–Uels: 0–0; Garadag–Türkiýe: 3–1, Uels– Islandiýa: 4–1

### «C» LIGA

| Or. | «C1» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŞWESIÝA | 6 | 5 | 1 | 0 | 19-4 | 16 |
| 2 | SLOWAKIÝA | 6 | 4 | 1 | 1 | 10-5 | 13 |
| 3 | ESTONIÝA | 6 | 1 | 1 | 4 | 3-9 | 4 |
| 4 | AZERBAÝJAN | 6 | 0 | 1 | 5 | 3-17 | 1 |

Azerbaýjan–Estoniýa: 0–0, Şwesiýa–Slowakiýa: 2–1; Slowakiýa–Estoniýa: 1–0, Şwesiýa–Azerbaýjan: 6–0

| Or. | «C2» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | RUMYNIÝA | 6 | 6 | 0 | 0 | 18-3 | 18 |
| 2 | KOSOWO | 6 | 4 | 0 | 2 | 10-7 | 12 |
| 3 | KIPR | 6 | 2 | 0 | 4 | 4-15 | 6 |
| 4 | LITWA | 6 | 0 | 0 | 6 | 4-11 | 0 |

Kipr–Litwa: 2–1, Rumyniýa–Kosowo: 3–0 (myhmançylykdaky topara tehniki ýeňliş); Kosowo–Litwa: 1–0, Rumyniýa–Kipr: 4–1

| Or. | «C3» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | D. IRLANDIÝA | 6 | 3 | 2 | 1 | 11-3 | 11 |
| 2 | BOLGARIÝA | 6 | 2 | 3 | 1 | 3-6 | 9 |
| 3 | BELARUS | 6 | 1 | 4 | 1 | 3-4 | 7 |
| 4 | LÝUKSEMBURG | 6 | 0 | 3 | 3 | 3-7 | 3 |

Lýuksemburg–Bolgariýa: 0–1, D. Irlandiýa–Belarus: 2–0; Bolgariýa–Belarus: 1–1, Lýuksemburg–D. Irlandiýa: 2–2

| Or. | «C4» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | D. MAKEDONIÝA | 6 | 5 | 1 | 0 | 10-1 | 16 |
| 2 | ERMENISTAN | 6 | 2 | 1 | 3 | 8-9 | 7 |
| 3 | FARER ADALARY | 6 | 1 | 3 | 2 | 5-6 | 6 |
| 4 | LATWIÝA | 6 | 1 | 1 | 4 | 4-11 | 4 |

Ermenistan–Farer adalary: 0–1, D. Makedoniýa–Latwiýa: 1–0; Latwiýa–Ermenistan: 1–2, D. Makedoniýa–Farer adalary: 1–0

### «D» LIGA

| Or. | «D1» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | SAN MARINO | 4 | 2 | 1 | 1 | 5-3 | 7 |
| 2 | GIBRALTAR | 4 | 1 | 3 | 0 | 4-3 | 6 |
| 3 | LIHTENŞTEÝN | 4 | 0 | 2 | 2 | 3-6 | 2 |

San Marino–Gibraltar: 1–1; Lihtenşteýn–San Marino: 1–3

| Or. | «D2» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MOLDOWA | 4 | 3 | 0 | 1 | 5-1 | 9 |
| 2 | MALTA | 4 | 2 | 1 | 1 | 2-2 | 7 |
| 3 | ANDORRA | 4 | 0 | 1 | 3 | 0-4 | 0 |

Andorra–Moldowa: 0–1; Malta–Andorra: 0–0



# «ATP Finals»-da çempionlyk gazanan ilkinji italiýaly tennisçi

Tennis boýunça erkekleriň arasyndaky möwsümiň jemleýji ýaryşynda italiýaly Ýannik Sinner ýeňiji boldy. Ol ýurdunyň Turin şäherinde guralan 55-nji «ATP Finals» ýaryşynyň finalynda amerikaly Teýlor Fritsi 2 setde-de 6:4-lik hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Ol toparçada-da Fritsi edil finaldaky ýaly edip ýeňipdi. Bu onuň şu ýaryşdaky ilkinji çempionlygydyr. Galyberse-de, bu onuň möwsümdäki 8-nji kubogy, karýerasy boýunça-da 18-nji ATP çempionlygy hökmünde hasaba alyndy. Sinner soňky 38



ýylda möwsümiň jemleýji ýaryşynda toparçadaky 3 duşuşygynda (Daniil Medwedew — 6:3, 6:4; Teýlor Frits — 6:4, 6:4; Aleks di Minory 6:3, 6:4), şol sanda ýarym finalda (Kasper Ruud — 6:1, 6:1) hem-de finalda garşydaşlaryny 2 setde ýeňen, başgaça aýdylanda, ýeke setde hem utulman çempionlyk gazanan ilkinji tennisçi diýlip bellige alyndy. Soňky gezek Iwan Lendl 1986-njy ýylda şeýle statistika bilen çempionlyk gazanypdy. Şol bir wagtyň özünde Sinner bu ýaryşda çempionlyk gazanan ilkinji italiýaly tennisçidir. Sinner bir ýylyň dowamynda «Awstraliýa Açyk», «Amerika Açyk» hem-de «ATP Finals» ýaryşlarynda çempionlyk gazanan 3-nji tennisçi bolup, ondan öň Federer bilen Jokowiç şeýle başarnyk görkezipdi.

ATP sanawynyň 1-nji belgili tennisçisi Ýannik Sinner geçen ýylam finala çykypdy. Ýöne serbiýaly Nowak Jokowiçden asgyn gelipdi. Umumy baýrak gaznasy 15 million 250 müň dollara deň bolan ýaryşda Sinner ýeňiji hökmünde 2 million 237 müň 200 dollar pul baýragyna mynasyp boldy.

Ýaryşda jübütleriň arasynda germaniýaly Kewin Krawiets bilen Tim Puts ikisi ýeňiş gazanyp, olar finalda salwadorly Marselo Arewalo bilen horwatiýaly Mate Pawiçden 7:6 we 7:6 hasaplar esasynda üstün çykdy.

Möwsümiň jemleýji ýaryşynda iň köp Nowak Jokowiç çempionlyk gazanyp, ol 7 gezek ýeňiji boldy. Rojer Federeriň 6, Iwan Lendl bilen Pit Samprasyň 5 çempionlygy bar. Tennis taryhynyň iň köp «Uly tuwalga» gazanan 2-nji tennisçisi Rafael Nadala bolsa bu ýaryşda ýeke gezek hem çempionlyk nesip etmedi. Ol 2 gezek finala çykyp, 2010-njy ýylda Federerden, 2013-nji ýylda Jokowiçden asgyn gelipdi.

**SINNERIŇ ÝYLY BOLDY**

● Ýannik şu möwsümde jemi 8 ýaryşda çempion boldy. 14 ýaryşa gatnaşyp, şolaryň 9-synda finalda oýnady. Ol diňe «Hytaý Açyk» ýaryşynyň finalynda ýeňildi. Sinner «ATP Finals» bäsleşiginden öň 2 «Uly tuwalga» («Awstraliýa Açyk», «Amerika Açyk»), 3 «Masters» («Maýami Açyk», «Sinsinnati Açyk», «Şanhhaý Masters») hem-de 2 «ATP 500» («Rotterdam Açyk», «Halle Açyk») ýaryşynda ýeňiş gazanmagy başardy. Ol 70 duşuşykda garşydaşlaryndan üstün çykdy. Ol 2016-njy ýylda Endi Mýurreýden soň bu görkezijä ýeten ilkinji tennisçi boldy. Sinner geçiren duşuşyklarynda 92 göterim ýeňiş gazanyp, diňe 6 duşuşykda ýeňlişe sezewar boldy. Sinner geçiren ähli duşuşygynda azyndan 1 setde ýeňiş gazandy. Soňky gezek 2005-nji ýylda Rojer Federer şeýle statistika bilen ýatda galypdy.

Sinner ilkinji 10-lukdaky tennisçiler bilen geçiren duşuşyklarynda 17 gezek ýeňiş gazanyp, 6 oýunda-da utuldy. Ol Karlos Alkarasdan 3, Daniil Medwedewden, Andreý Rublewden hem-de Stefanos Sisipasdan 1 gezek asgyn geldi. Sinner şu ýylyň dowamynda 3915 utuk toplap, onuň häzirki wagtda 11830 utugy bar we ol möwsümi birinji orunda tamamlar.

# Argentina üçin Dünýä Kubogyna 2 ýeňiş galdy

**Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklarynyň çäginde Günorta Amerika zolagynda 11-12-nji duşuşyklar geçirildi. Argentinanyň ýygyndysy 1 oýunda ýeňlip, 1 oýunda-da ýeňdi. Braziliýanyň ýygyndysy 2 duşuşygynda-da deňme-deň oýnady. Kolumbiýanyň ýygyndysy üçin duşuşyklaryň 2-si hem şowsuz tamamlandy.**

11-nji oýunlarda sanawyň lideri Argentinanyň ýygyndysy myhmançylykda Paragwaýdan 2–1



hasabynda asgyn geldi. 11-nji minutda Lautara Martinesiň goly bilen öňe geçen argentinleriň derwezesinden hasaby deňlän goly 19-njy minutda Toni Sanabriýa geçirdi. 2-nji ýarymyň başyndada, has takygy, 47-nji minutda Federiko Alderete ýer eýelerini öňe çykardy. Bu duşuşykdaky soňky gol bolup, Paragwaýyň ýygyndysy 2–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Bu Dünýä Kubogynyň häzirki eýesi Argentinanyň 3-nji ýeňlişidir.

Yzygiderli ýeňiş gazanmakda kynçylyk çekýän Braziliýanyň ýygyndysy ýene-de 3 utuk alyp bilmedi. Myhmançylykda Wenesuela bilen duşuşan Braziliýanyň ýygyndysy 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. 43-nji minutda 10-njy belginiň täze eýesi Rafinýa owadan gol bilen hasaby açdy. Ýöne brazilleriň bu goluna wenesuelalylaryň jogaby gijikmedi. Ýer eýeleri 2-nji ýaryma gol bilen başlap, 46-njy minutda Telasko Segowiýa hasaby deňledi. Oýnuň 62-nji minutynda Braziliýanyň ýyldyzy Winisius Junior penaltini dürs urup bilmedi. Duşuşygyň 89-njy minutynda bolsa Wenesueladan Aleksander Gonzales gyzyl kart aldy.

Ekwador bolsa öz meýdançasynda Boliwiýany Walensiýanyň (26 p), Platanyň (28, 49) hem-de Mindanyň (61) gollary bilen 4–0 hasabynda ýeňdi.

Urugwaý bilen Kolumbiýanyň arasyndaky çe-



keleşikli geçen oýnuň 90-njy minutyndan soň 2 gol geçirildi. 1-nji ýarymda, has takygy, 31-nji minutda kolumbiýalylar Kuinteronyň goly bilen öňe saýlandy. 57-nji minutda kolumbiýaly Dewinson Sançesiň awtogoly bilen hasap deňlendi. Bu goldan 3 minut soň Agirre Urugwaýy öňe çykardy. Duşuşygyň 90+6-njy minutynda Kolumbiýanyň ýygyndysy Karlos Gomesiň goly bilen hasaby deňlese-de, 90+13-nji minutda Urugwaý Ugarteniň goly esasynda ýeňşini baýram etdi (3–2).

12-nji duşuşyklarda Braziliýa bilen Urugwaýyň ýygyndylary duşuşyp, oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Walwerdeniň 55-nji minutdaky goluna ýer eýeleri Žersonyň 62-nji minutdaky goly bilen jogap berip, duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Sanawyň lideri Argentinanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Perudan 1–0 hasabynda üstün çykdy. Ýeke-täk goly 55-nji minutda Lionel Messiniň pasyndan soň Lautara Martines geçirdi. Lionel Messi milli ýygyndydaky 58-nji asistini edip, bu ugurda amerikaly Landon Donowanyň rekordyna şärik boldy.

Tapgyryň garaşylmadyk netijesi Kolumbiýanyň öz meýdançasynda Ekwadordan ýeňilmegi bolup, myhmanlar 1–0 hasabynda utdy. Ekwadoryň ýeke-täk goluny 7-nji minutda Enner Walensiýa öz adyna ýazdyrdy. Kolumbiýaly futbolçylara ençeme amatly pursatlarda 60 minuty 1 oýunçy kem oýnan Ekwadoryň ýygyndysynyň derwezesini sarsdyrmak başartmady. Boliwiýa bilen Paragwaýyň arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolman, ýer eýeleri 2 gezek öňe geçse-de, olar üstünligini saklap bilmediler. Paragwaý 90-njy minutdan soň ýeňlişden halas boldy. Wenesuelanyň ýygyndysyny 4–2 hasabynda ýeňen Çiliniň 2 goluny Sepeda derweză girizdi.

Geçirilen 12 tapgyrdan soň Argentinanyň Dünýä Kubogyna çykmagy üçin 6 utuk ýeterlik bolar. Mart aýynda ilki Urugwaý, soňra Braziliýa bilen duşuşjak Argentinanyň ýygyndysy bu güýçli garşydaşlaryny ýeňse, wagtyndan öň Dünýä Kubogyna gatnaşar.

Wenesuela—Braziliýa: 1-1, Paragwaý—Argentina: 2-1, Ekwador—Boliwiýa: 4-0, Urugwaý—Kolumbiýa: 3-2, Peru—Çili: 0-0;

Boliwiýa—Paragwaý: 2-2, Kolumbiýa—Ekwador: 0-1, Argentina—Peru: 1-0, Çili—Wenesuela: 4-2, Braziliýa—Urugwaý: 1-1

**GÜNORTA AMERIKA ZOLAGY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARGENTINA | 12 | 8 | 1 | 3 | 21-7 | 25 |
| 2 | URUGWAÝ | 12 | 5 | 5 | 2 | 17-9 | 20 |
| 3 | EKWADOR | 12 | 6 | 4 | 2 | 11-4 | 19 |
| 4 | KOLUMBIÝA | 12 | 5 | 4 | 3 | 15-10 | 19 |
| 5 | BRAZILIÝA | 12 | 5 | 3 | 4 | 17-11 | 18 |
| 6 | PARAGWAÝ | 12 | 4 | 5 | 3 | 8-7 | 17 |
| 7 | BOLIWIÝA | 12 | 4 | 1 | 7 | 13-27 | 13 |
| 8 | WENESUELA | 12 | 2 | 6 | 4 | 11-15 | 12 |
| 9 | ÇILI | 12 | 2 | 3 | 7 | 9-20 | 9 |
| 10 | PERU | 12 | 1 | 4 | 7 | 3-15 | 7 |

# Italýanlar 5-nji gezek çempion

**Tennis boýunça zenan ýygyndylaryň arasynda geçirilýän «Billie Jean King Cup» ýaryşynda Italiýa çempion boldy. Ispaniýanyň Malaga şäherinde geçirilen jemleýji tapgyrynda Italiýanyň ýygyndysy finalda Slowakiýa bilen duşuşdy. Geçirilen 2 ýekeleýin duşuşyk ýeňijini kesgitläp, jübütleýin duşuşygyň zerurlygy galmady.**




**1-nji duşuşykda Luçia Bronzetti Wiktoriýa Hrunçakowany 6:2 we 6:4 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi we Italiýanyň ýygyndysy umumy hasapda 1:0 öňe saýlandy. 2-nji duşuşykda Jasmin Paolini Rebekka Şramkowadan 6:2 we 6:1 hasaplar bilen üstün çykdy. Netijede, italiýaly zenanlar 2:0 hasabynda ýeňiş gazanyp, 11 ýyldan soň 5-nji çempionlygyny baýram etdi. Italiýaly tennisçi zenanlar mundan öň 2006-njy, 2009-njy, 2010-njy hem-de 2013-nji ýyllarda bu kubogy eýeläpdi. Şeýlelikde, Italiýa bu ugurda Ispaniýa bilen deňleşdi. Italiýanyň ýygyndysy geçen ýyl finalda kanadaly tennisçilerden asgyn gelipdi.**

**Italiýanyň ýygyndysynda Jasmin Paolini, Luçia Bronzetti, Sara Errani, Elizabetta Koççiaretto, Martina Trewisan dagy çykyş edip, olar ýarym finalda Polşany, Slowakiýa bolsa Beýik Britaniýany ýeňipdi.**

# Jeýk Pol meşhur boksçy Maýk Taýsondan üstün çykdy

**Bütin dünýäniň sabyrsyzlyk bilen garaşan boks duşuşygynda Jeýk Pol meşhur boksçy Maýk Taýsondan üstün çykmagy başardy. Agyr agramyň ozalky ägirdi Maýk Taýson bilen «YouTuber» Jeýk Poluň arasyndaky taryhy tutluşyk NFL-niň toparlaryndan «Dallas Kowboýsyň» öz duşuşyklaryny geçirýän Arlington şäherindäki 80 müň orunlyk AT&T stadionynda guralyp, ol «Netflix» tarapyndan göni ýaýlymda görkezildi.**



2 minutlyk 8 raundyň netijesinde eminler 78:76 hasap bilen 27 ýaşyndaky Poly ýeňiji diýip yglan etdiler. 5-nji raundda hasaplar deňdi – 38:38. 7-nji raundda 68:65 Pol öňe saýlandy. 8-nji raunddan soň bolsa Jeýk Pol ýeňiji diýlip yglan edildi. Ol duşuşyk tamamlanansoň başyny egmek bilen, 58 ýaşyndaky Maýk Taýsona hormat goýýandygyny görkezdi. Tutluşykdan soň bolsa: — «Maýk Taýson bir rowaýaty, ähli döwürleriň iň güýçlüsi. Onuň bilen ringe çykmak meniň üçin uly abraý. Ol dünýädäki iň gaty adam» — diýip beýanat berdi.

Soňky raundlary hereketsiz, hatda urgusyz geçen 80 million dollar baýrakly duşuşykdan soň, Jeýk Pola 40, Maýk Taýsona bolsa 20 million dollaryň beriljekdigi metbugatda mälim edildi.

Bu duşuşyk 58 ýaşyndaky Maýk Taýsonyň karýerasyndaky 57-nji duşuşygy boldy. Karýerasyny 2005-nji ýylda tamamlan Maýk Taýsonyň 44-si nokaut bilen jemi 50 ýeňşi bar. 7-nji gezek garşydaşlaryndan ýeňlen Taýson WBA, WBC hem-de IBF ugurlary boýunça agyr agramda çempionlyk gazanan ilkinji boksçudyr. 2020-nji ýylda görkezme duşuşyk bilen täzeden ringe dolanan Taýson 1997-nji ýylda Ewander Holifild bilen geçiren tutluşygynda garşydaşynyň gulagyny dişläpdi.

Aslynda sosial wideo platformasy «YouTube»-de dürli wideo şekilleri bilen adygan 27 ýaşyndaky Jeýk Pol 2018-nji ýylda boksa başlady. 20,8 million yzarlaýjysy bolan we wideo şekilleri 7,7 milliard gezek tomaşa edilen Pol özi ýaly «YouTuber»-likden boksa geçen Deži Olatunži bilen professional bolmadyk duşuşykda ilkinji sapar ringe çykypdy. Professional boksçy hökmünde 11 duşuşyk geçiren Pol 7-si nokaut bilen jemi 10 tutluşykda ýeňiş gazandy. Onuň bilen tutluşyk geçirenleriň arasynda NBA-nyň öňki basketbolçylaryndan Neýt Robinson hem bardy. Amerikaly boksçy Jeýk Poluň karýerasyndaky ýeke-täk ýeňlişi 2023-nji ýylyň fewralynda Saud Arabystanynda britaniýaly Tommi Fýuri bilen geçiren duşuşygynda hasaba alnypdy.

# Taryhynda ilkinji gezek 3 gol geçirdi

UEFA Milletler Ligasynyň «D» Ligasynyň 1-nji toparçasynyň çäginde sentýabr aýynda öz meýdançasynda Lihtenşteýni taryhynda 2-nji gezek



ýeňip, 20 ýyldan soň 2-nji ýeňşini baýram eden San Marino üçin möwsüm diýseň şowly geçýär. 15-nji noýabrda öz meýdançasynda Gibraltar bilen Nanniniň 90+2-nji minutda penaltiden geçiren goly esasynda 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap, ýeňlişden halas bolan Ýewropanyň kindiwanja ýurdy taryhy ýeňiş gazandy. Myhmançylykda Lihtenşteýn bilen duşuşan San Marinonyň ýygyndysy üçin bu duşuşyk ähli gowy statistikalary özünde jemleýär. Duşuşygyň 1-nji ýarymynda ýer eýeleri Lihtenşteýn Seleniň 40-njy minutdaky goly bilen 1–0



hasabynda öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik sammarinler 2-nji ýaryma gol bilen başlady. 46-njy minutda Lazzariniň goly bilen hasaby deňlän myhmanlar 66-njy minutda Nanniniň penalti goly esasynda öňe saýlandy. Duşuşygyň 76-njy minutynda bolsa Golinuççi oýna soňky nokady goýdy (3–1). Şunlukda, San Marinonyň ýygyndysy taryhyndaky 3-nji, resmi oýunlardaky 2-nji ýeňşini gazandy. 3 ýeňşem Lihtenşteýniň garşysyna geçirilen oýunlarda hasaba alnyp, San Marinonyň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek 1 oýunda 3 gol geçirdi. Şol bir wagtyň özünde ilkinji gezek kembek, ýagny garşydaşynyň öňe geçendigine garamazdan ýeňiş gazanmagy başardy. «D» Liganyň 1-nji toparçasynda utugyny 7-ä çykaran San Marino täze möwsümde «C» Ligada çykyş eder. «D» Liganyň 2-nji toparçasynyň ýeňijisi-de Moldowa boldy.







